TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ GURLUŞYNY, MADDY-TEHNIKI, HUKUK BINÝADYNY DÖWRÜŇ TALAPLARYNA LAÝYKLYKDA KÄMILLEŞDIRIP, DÜÝPLI YLMY-TEHNIKI ÖZGERTMELERI WE IRI TASLAMALARY DURMUŞA GEÇIRÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
14-nji noýabr, 2025. Belgisi 46/1664



# HALKARA MALIÝE GURAMALARY BILEN NETIJELI GATNAŞYKLAR

**11-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kandany kabul etdi.**

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylygy we durnuklylygy berkitmekde eýeleýän möhüm ornuna ünsi çekdi hem-de Aziýanyň ösüş bankynyň ýurdumyzyň milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen giň möçberli özgertmelerine ýokary baha berýändigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz iri maliýe düzüminiň ýolbaşçysyny mähirli mübärekläp, onuň saparynyň ikitaraplaýyn ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça pikir alyşmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi hem-de saparynyň dowamynda geçirjek gepleşikleriniň netijeli bolmagyny arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ykdysady ösüş strategiýasynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge, hususan-da, abraýly maliýe guramalary, bank-karz düzümleri bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmäge möhüm ähmiýet berilýändigini aýdyp, Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda köp ýyllaryň dowamynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýetini belledi. Nygtalyşy ýaly, geçen 25 ýylyň içinde Aziýanyň ösüş banky ýurdumyzda birnäçe taslamalary maliýeleşdirmäge gatnaşdy. Şol taslamalar dürli ugurlary, hususan-da, elektroenergetika, üpjünçilik we demir ýol ulgamlaryny öz içine alyp, Türkmenistanyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşi üçin uly ähmiýete eýe boldy. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn gatnaşyklar ýurdumyz boýunça kabul edilen hyzmatdaşlyk strategiýasynyň çäklerinde alnyp barylýar. Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň (CAREC) çäklerinde durmuşa geçirilýän taslamalar Watanymyzyň ykdysady, söwda, ulag, energetika ulgamlaryny ösdürmäge hem-de ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga ýardam berýär. Türkmenistanda saglygy goraýyş ulgamynda ilata hödürlenýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmaga, döwrebap lukmançylyk merkezlerini gurmaga we lukmanlaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Aziýanyň ösüş banky bilen ýurdumyzyň banklarynyň we hususy ulgamynyň arasyndaky gatnaşyklaryň täze, has netijeli görnüşleriniň ulanylmagyny goldaýandygyny belledi. Şunda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmekde maliýe-karz, maslahat beriş hyzmatlary işjeňleşdirilmelidir. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 17-nji maýynda Arkadag şäherinde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Bu bolsa «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäherinde energetika, suwy we energiýany tygşytlamak, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmek ugurlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmäge ýol açýar. Ýangyç-energetika pudagynda özara hereketleri pugtalandyrmak hem möhüm ugurlaryň hatarynda kesgitlendi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kanda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

* * *

Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kandanyň ýurdumyza saparynyň çäklerinde duşuşyklar geçirildi. Duşuşyklaryň netijeleri boýunça Aşgabat şäherinde lukmançylyk orta okuw mekdebiniň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda Ylalaşyga hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda tehniki kömek babatda hyzmatdaşlyk hakynda resminama gol çekildi.

# «Türkmentel – 2025»: geljegi uly mümkinçilikler

**12-nji noýabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Türkmentel – 2025» atly XVIII halkara sergi we ylmy maslahat, şeýle-de «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2025» atly halkara maslahat we sergi öz işine başlady. Möhüm strategik pudaklarda sebit hem-de halkara hyzmatdaşlygy, işewürligi ösdürmekde täze mümkinçilikleri açjak bu çäreler ilkinji gezek Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bitewi meýdançada utgaşdyrylyp geçirilýär.**

Foruma Türkmenistandan we daşary döwletlerden, şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Azerbaýjandan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Beýik Britaniýadan, Belarusdan, Gazagystandan, Germaniýadan, Finlýandiýadan, Fransiýadan, Russiýadan, Hytaýdan, Şweýsariýadan, Ýaponiýadan jemi 80-den gowrak ugurdaş kompaniýanyň wekilleri gatnaşýarlar. Olaryň köpüsi ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmek, sebitiň möhüm ulag-logistika merkezi hökmünde Türkmenistanyň ornuny has-da pugtalandyrmak boýunça durmuşa geçirilýän iri taslamalara işjeň gatnaşyjylardyr. Birnäçe kompaniýa bolsa depginli ösýän türkmen bazary üçin öz hödürleýän harytlarydyr hyzmatlaryny tanyşdyrýarlar.

Irden halkara forumyň açylyş dabarasy Söwda-senagat edarasynyň öňündäki meýdançada ýaýbaňlandyrylan döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlary bilen badalga aldy. Dabara Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Soňra hormatly Prezidentimiziň halkara maslahata we sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Gutlagda «Biz dünýäniň ösen innowasion tehnologiýalaryna daýanyp, ýurdumyzy hemmetaraplaýyn özgertmekde uly üstünlikleri gazanýarys. Sanly tehnologiýalaryň gurluşyny, maddy-tehniki, hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirip, düýpli ylmy-tehniki özgertmeleri we iri taslamalary durmuşa geçirýäris» diýip bellenilýär.

Soňra ýygnananlar utgaşdyrylan sergi







meýdançasy bilen tanyşdylar. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ulag-aragatnaşyk toplumynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň gol çeken Permany esasynda Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary, Aragatnaşyk, Awtomobil ulaglary ministrlikleri, «Türkmenhowaýollary» hem-de Deňiz we derýa ulaglary döwlet gulluklary döredildi. Sergide bu düzümleriň işindäki sanly özgertmeler, durmuşa geçirilýän hem-de meýilleşdirilýän taslamalar giňişleýin tanyşdyrylýar.

Sergide Arkadag şäheriniň diwarlygyna hem möhüm orun berlipdir. «Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheriniň durmuş infrastrukturasy sanly, maglumat-aragatnaşyk, «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanmak bilen, milli binagärligiň iň gowy ýörelgeleriniň we häzirki zaman dizaýn usullarynyň sazlaşygyny özünde jemleýär.

Sergä «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti hem diwarlygy bilen gatnaşyp, emeli aň esasynda türkmen dilinde gepleýän robot tehnikasy, elektron enjamlary, kabelleri, töleg, SIM we saglyk ätiýaçlandyryş maglumat kartlary, bankomatlary bilen tanyşdyrýar. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň çäklerinde programma üpjünçiliklerini, mobil goşundylary taýýarlamakda, sanly hyzmatlary hödürlemekde, söwda platformalaryny döretmekde hususy kompaniýalara uly orun degişlidir. «Belet», «Sanly çözgüt – IT meýdança», «Nokat kompýuter», «Imdat elektronika» hojalyk jemgyýetleri, «Nurly Tolkun», «Türkmen innowasiýa» hususy kärhanalary ykdysadyýetiň dürli ugurlaryna ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak, programma üpjünçiliklerini taýýarlamak boýunça hyzmatlaryny hödürleýärler. Sergide bu kärhanalaryň hyzmatlaryna giň orun berlipdir. Şeýle-de «Tehno Merkez» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti elektrik, gaz we suw ölçeýji «akylly» enjamlary bilen tanyşdyrýar. ■ 2

## Türkmen Bitaraplygy dabaralanýar



Häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biri parahatçylygy pugtalandyrmak, dostlukly gatnaşyklary giňeltmek hem-de döwletleriň arasyndaky dost-doganlygy berkitmekden ybaratdyr. Hut şu belent maksatlaryň esasynda şu ýylyň dekabr aýynda Aşgabat şäherinde ýokary derejeli forum geçiriler. Bu giň möçberli halkara çäre dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekip, Türkmenistanyň dünýäde parahatçylygyň hem-de ynanyşmagyň merkezleriniň biri hökmünde halkara abraýyny has-da belende göterer. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň özenini hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleri düzýär. ■ 3

## Haýyr-sahawat – ynsanperwerligiň nusgasy



**Haýyr-sahawat – ynsanperwerligiň, adamkärçiligiň we sahylygyň beýik nyşany bolup, jemgyýetde jebisligi, birek-birege goldaw bermek duýgusyny pugtalandyrýar. Haýyr-sahawat diňe bir maddy kömek däl, eýsem, ruhy we ahlak gymmatlyklaryny ösdürýän, adamlaryň kalbyna ýagşy niýeti ornaşdyrýan beýik ýörelgedir. Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Haýyr-sahawatly bolmagyň iň hikmetli taraplarynyň biri-de şu: biz özgelere ýagşylyk etmek arkaly öz durmuşymyzyň hem has gowulaşmagyny gazanýarys. Gadymy eserlerde «Ýarawsyzlyk, ejizlik hassa mätäçler üçin däl-de, eýsem, olaryň töwereginde gezip ýören sagdyn adamlar üçin has uly synagdyr.** ■ 3

## Ýazyň hem güýzüň şahyry



23-nji oktýabrda sanly ulgam arkaly geçirilen Hökümet mejlisinde noýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň hatarynda Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi Gurbannazar Ezizowyň doglan gününiň 85 ýyllygy mynasybetli aýdym-sazly dabaralaryň guraljakdygy beýan edildi. Bu habar şygryýete belent sarpa goýýan halkymyzda çuňňur kanagatlanma duýgusyny döretdi.

Şahyryň 2010-njy ýylda çap edilen goşgular ýygyndysy Gahryman Arkadagymyzyň: «Beýik alymlarymyzyň, söz ussatlarymyzyň gymmatly edebi mirasy dünýä siwilizasiýasynyň altyn hazynasynda mynasyp orun eýeleýär» diýen parasatly sözleri bilen açylýar. Bu sözler dürli döwürlerde türkmen edebiýatynyň ösmegine mynasyp goşant goşan şahyrlara berlen ýokary bahadyr. ■ 3

**COP30 howa sammiti açyldy**
10-njy noýabrda Braziliýanyň Belen şäherinde Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýa gatnaşyjy taraplaryň 30-njy maslahaty – COP30 öz işine başlady. 4

**Dünýäniň 7 täsinliginiň biri**
Nil derýasynyň boýunda gurlan piramidalardan başga-da, Sudanda, Peruda, Gwatemalada, Hytaýda we Italiýada üçburç binalar bar. 5

**Dürli pudaklarda ulanylýan kuwwatly tehnikalar**
Dünýäde dürli ýyllarda, esasan hem, soňky ýyllarda ýeňil we ýük ulaglarynyň, traktorlaryň, uçardyr gämileriň dürli görnüşleri işlenip düzülýär. 6

**«The Best FIFA» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi**
FIFA tarapyndan berilýän «The Best» baýraklarynyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. 7

# «Türkmentel – 2025»: geljegi uly mümkinçilikler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gözden geçirilişe tehnologiýa babatda dünýäde öňdebaryjy kompaniýalar hem işjeň gatnaşýarlar. Şolaryň hatarynda ýurdumyzyň ilatly ýerlerinde öýjükli we internet aragatnaşyk ulgamlarynyň öňdebaryjy enjamlaryny ornaşdyrmaga işjeň gatnaşýan «Huawei», «Nokia» kompaniýalaryny görkezmek bolar. Monakonyň «SSI», Fransiýanyň «Thales» kompaniýalarynyň diwarlyklarynda hemra aragatnaşygy babatda gazanylanlar, «TürkmenÄlem 52oE» ikinji emeli aragatnaşyk hemrasynyň asman giňişligine uçurylmagy bilen açyljak mümkinçilikler tanyşdyrylýar. Germaniýanyň «Europeer Exchange GmbH» kompaniýasy tor aragatnaşyk ulgamynda, ABŞ-nyň «Fortinet», «Palo Alto Networks, Inc.», «Keysight» kompaniýalary maglumat dolanyşygynyň we bulut tehnologiýasynyň howpsuzlygynda, Beýik Britaniýanyň «Wide Network Solutions», Germaniýanyň «Kontron» kompaniýalary telekommunikasiýa hyzmatlarynda öňdebaryjy çözgütleri bilen tanyşdyrýar. BAE-niň «Integra City» kompaniýasynyň diwarlygynda «akylly» hem-de howpsuz şäher gurşawyny döretmekde, Hytaýyň «Zhejiang Dahua Technology Co., Ltd.», «Hikvision» kompaniýalarynyň diwarlyklarynda bolsa howpsuzlyk hem-de wideogözegçilik ulgamlarynda täzeçil çözgütler barada giňişleýin maglumat berilýär.

Gözden geçirilişde «Türkmenistanyň Ulag-logistika merkezi» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, «Tylla nal», «Bereketli netije», «Dowamly ýol», «At-abraý», «Döwrebap ulag merkezi», «Halkara Türkmen Logistik» hojalyk jemgyýetleri, «EGE», «Gama», «Meno» ýaly logistik kärhanalar hem iş ugurlarydyr mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýarlar.

Şu gezekki sergä ulag ulgamynda dünýä belli kompaniýalaryň birnäçesiniň gatnaşýandygyny bellemek gerek. Şolaryň hatarynda şäheriçi we şäherara ýolagçy awtobuslary bilen üpjün etmekde ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşlarynyň birine öwrülen «Zhengzhou Yutong Group Co., Ltd.» kompaniýasyny, demir ýol pudagy üçin lokomotiwleri getirmekde ozaldan gelýän hyzmatdaşymyz bolan «CRRC Ziyang Co., Ltd.» kompaniýasyny gör-




kezmek bolar. «Logenix International», «GAP CLK Worldwide» ýaly daşary ýurt kompaniýalary logistik hyzmatlary amala aşyrmak, Hytaýyň «CAMC Engineering Co., Ltd.» kompaniýasy ösen ýol-ulag düzümlerini kemala getirmek babatda mümkinçilikleri, Germaniýanyň «Vossloh AG» kompaniýasy bolsa demir ýollary berkitmekde ulanylýan enjamlary bilen tanyşdyrýar. Russiýanyň «Sibir», Türkiýäniň «Turkish Airlines» awiakompaniýalarynyň diwarlyklarynda howa ulagy arkaly ýolagçylary gatnatmakda hödürlenilýän döwrebap hyzmatlar giňden şöhlelendirilýär.

Günüň ikinji ýarymynda «Türkmentel – 2025» atly ylmy maslahatyň hem-de «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2025» atly halkara maslahatyň açylyş dabarasy geçirildi. Onda ýurdumyzyň wekilleri hem-de Halkara elektroaragatnaşyk birleşiginiň (ITU), Halkara Transýewraziýa daşamalar boýunça utgaşdyryjy geňeşiň, GDA ag-



za ýurtlaryň Aragatnaşyk boýunça sebit arkalaşygynyň (PCC), BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň ýolbaşçylary çykyş etdiler.

Soňra maslahatlar aýratyn bölümçelerde dowam etdi. «Türkmentel – 2025» atly ylmy maslahatyň «Sanly geçiş: Türkmenistanyň sanlylaşdyrmak ulgamynda halkara hyzmatdaşlygynyň netijesinde ýurduň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşi» atly bölümçesinde sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen gazanylan üstünliklere üns çekildi.

«Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2025» atly halkara maslahatyň «Halkara hyzmatdaşlyk we maýa goýumlar: ulagyň geljegine itergi beriji güýç» atly bölümçesinde edilen çykyşlarda demir ýol ulgamyny ösdürmegiň meselelerine aýratyn üns berildi. 13-nji noýabrda halkara maslahat öz işini «Sebitleýin baglanyşyk we ykdysady geçelgeler», «Üstaşyr geçelgeleriň multimodal baglanyşygyny berkitmek we oňa maýa goýumlary çekmek», «Howa gatnawlary – durnukly ulag-logistika zynjyrynyň aýrylmaz bölegi» atly bölümçelerde, şeýle hem «Logistikada innowasiýalar we sanlylaşdyrmak» atly mejlis bilen dowam etdi.

«Türkmentel – 2025» ylmy maslahatynyň ikinji gününde «Aragatnaşygyň milli infrastrukturasynyň «akylly», howpsuz, özygtyýarly we durnukly ösüşi», «Ösýän startaplar üçin ekosistemany döretmek: ösüp barýan bazarlarda startaplary maliýeleşdirmek» atly bölümçeler, «Telekeçilik mümkinçiliklerini ösdürmek: inkubatorlar, akseleratorlar we bilim» atly tehniki mejlis guraldy. Şol gün Beýik Britaniýanyň «Dialogue Events Ltd.» kompaniýasy tarapyndan «Maliýe tehnologiýalarynyň Türkmenistanyň sanly ösüşindäki orny» atly forum, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan halkara startap forumy hem guraldy. Forumyň jemleýji gününde bolsa Halkara elektroaragatnaşyk birleşigi tarapyndan «Döwlet dolandyryşynyň sanly özgertmesi: sanly registrlerden emeli aňyň ornaşdyrylmagyna çenli» atly okuw maslahaty, «Sanly çözgüt – 2025» atly innowasion taslamalar bäsleşiginiň ýeňijilerini yglan etmek we gymmat bahaly sowgatlary gowşurmak dabarasy geçiriler.

## Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň hyzmatdaşlygy

Türkmenistan 2000-nji ýylda Aziýanyň ösüş bankyna (AÖB) agza boldy. Şondan bäri özara hyzmatdaşlyk ykdysady, durmuş we infrastruktura ugurlarynda üstünlikli ösdürilýär. Bu hyzmatdaşlygyň esasy maksady – Türkmenistanyň durnukly ösüşini, «ýaşyl» ykdysadyýete geçişini hem-de dünýä ykdysadyýetine integrasiýasyny üpjün etmekdir.

AÖB Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna maliýe we tehniki goldaw berýär. Ulgamlaýyn özgertmeleri, hususy sektory ösdürmek, «ýaşyl» energiýa we innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy esasy ugurlar bolup durýar.




Energetika ulgamynda elektrik torlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy we energiýa tygşytlaýyş tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy boýunça taslamalar alnyp barylýar.

Ulag ulgamynda sebitleýin gatnawlary güýçlendirmek maksady bilen ulag we aragatnaşyk infrastrukturalary gurulýar.

Saglygy goraýyş we bilim ulgamlarynda bolsa, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen taslamalar goldanylýar.

Mälim bolşy ýaly, AÖB bilen 2024–2028-nji ýyllar üçin täze hyzmatdaşlyk strategiýasy tassyklandy. Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň hyzmatdaşlygy ýurduň durnukly ösüşiniň möhüm bölegi bolup durýar. Bu gatnaşyk diňe maliýe goldaw bilen çäklenmän, bilimi, tehnologiýany we institusional ösüşi hem öz içine alýar. 25 ýyl dowam eden hyzmatdaşlygyň dowamynda AÖB Türkmenistanyň ykdysady ösüşine we halkara gatnaşyklarynyň giňelmegine möhüm goşant goşdy.

**Arzygül BEGMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ýöriteleşdirilen sergi geçiriler

Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasy goňşy ýurtlar hökmünde taryhy taýdan berk gatnaşyklara eýedir. Iki döwletiň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlyk söwda, energetika, ulag, senagat we oba hojalygy ýaly pudaklary öz içine alýar. Bu gatnaşyklar sebitleýin durnuklylygyň we ösüşiň üpjün edilmegine hem hyzmat edýär.

Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar giň gerimli hyzmatdaşlyk taslamalaryny öz içine alýar. Türkmenistan Eýrana gurluşyk serişdelerini, himiýa önümlerini we dokma harytlaryny eksport edýär, Eýrandan bolsa senagat enjamlaryny, azyk önümlerini we gurluşyk tehnologiýalaryny import edilýär.



Türkmenistan bilen Eýran Merkezi Aziýany Pars aýlagy bilen baglanyşdyrýan möhüm ulag geçelgesiniň bir bölegidir.

Iki ýurduň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlykda özara sergileriň hem ähmiýeti uludyr. Şu ýylyň 20-22-nji noýabrynda Balkanabat şäheriniň köpugurly söwda merkezinde Eýranyň Gülüstan welaýatynyň eksport mümkinçilikleriniň ýöriteleşdirilen sergisi geçiriler. Bu ykdysady gözden geçirmeler iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hem-de sebitleýin gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ädime eýedir.

**Begmuhammet BAÝRAMGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGY – DÖWLET ÝÖRELGESINIŇ ESASY GYMMATLYGY

Şu ýyl ýurdumyz öz ösüş ýolundaky möhüm senäni – halkara derejesinde hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyny belleýär. Bu dereje diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, tutuş sebitiň hem-de dünýäniň parahatçylygynyň, durnuklylygynyň we ynamyň nyşanyna öwrüldi.

Ýurdumyzda şanly Bitaraplyk toýy uludan tutular we oňa dünýäniň çar künjeginden myhmanlar geler. Häzirki wagtda bu toýa uludan taýýarlyk görülýär. Ýakynda Gahryman Arkadagymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet toparynyň nobatdaky mejlisini geçirdi. Hökümet agzalarynyň gatnaşmagynda guralan mejlisiň dowamynda halkara çärelere degişli guramaçylyk, hojalyk meseleleriniň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy.



Gahryman Arkadagymyz guramaçylyk döwlet toparynyň mejlisinde garaljak meseleler barada aýdyp, Garaşsyz ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň golaýlap gelýändigini we bu baýramyň giňden, dabaraly bellenilip geçiljekdigini nygtady. «Türkmenistan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty alyp barmak bilen, bu ugurda netijeli işleri durmuşa geçirip, wajyp başlangyçlary öňe sürýär. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi möhüm wakalaryň biri boldy. Bu bolsa dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi goldamakda we berkitmekde aýgytly ädime öwrüldi» diýip, Milli Liderimiz belledi.

Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolanyndan bäri paýtagtymyz Aşgabat köp gezek halkara gepleşikleriň we düşünişmegiň merkezi hökmünde çykyş etdi. Bu ýerde Owganystan boýunça gepleşikler, Täjigistan boýunça parahatçylyk duşuşyklary geçirildi. 2007-nji ýylda bolsa BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebitleýin merkezi açyldy. Bu merkez sebitdäki diplomatik başlangyçlaryň we hyzmatdaşlygyň möhüm meýdançasyna öwrüldi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy ynsanperwerlik, jogapkärçilik we özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýan hereketdir.

Türkmenistan sebitde durnuklylygy we yzygiderli ösüşi berkitmek ugrunda çykyş edip, energetika, ulag, ekologiýa we suw serişdeleri ugurlarynda köp sanly başlangyçlary öňe sürýär. Ýurdumyzyň Merkezi Aziýanyň hem-de tutuş halkara jemgyýetçiliginiň ynamdar hyzmatdaşyna öwrülendigini dünýä ykrar edýär.

Hemişelik Bitaraplyk derejesiniň 30 ýyllygyny baýram edýän Türkmenistan bu döwürde döredijilik, diplomatik üstünlikler we parahatçylygy berkitmek ýolunda uly tejribe toplady.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy döwlet ýörelgesiniň esasy gymmatlygy bolup, parahatçylygyň, ylalaşygyň we ösüşiň hatyrasyna täze üstünliklere ruhlandyrýan mukaddes ýörelgedir.

**Emin EZIZOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby.*

## HOWPSUZLYGY ÜPJÜN EDELIŇ!

Howanyň sowap başlamagy bilen köp ýerlerde öýleri ýyly saklamak üçin elektrik gyzdyryjy enjamlardan peýdalanylýar. Elektrik gyzdyryjy enjamlardan peýdalanylanda ilkinji nobatda jaýlaryň elektrik ulgamynyň gurnalyşynyň talabalaýyk bolmagyny gazanmaly. Elektrik tok geçirijileriň daşky örtükleriniň toga garşy duruş derejesini barlatmaly. Daşky örtügi zaýalanan, ulanyş möhletleri geçen, köne elektrik tok geçirijilerini çalyşmaly. Öýleriň elektrik togunda awtomatiki görnüşde tok gelmegini kesýän goraýjyny talabalaýyk gurnap, onuň iş kadasyna hemişe gözegçilik etmeli. Elektrik ulgamyna bir wagtyň özünde çendenaşa köp tok sarp ediji enjamlaryň birikdirilmegine ýol bermeli däl, çünki elektrik ulgamyna agram düşmegi bilen dürli hadysalaryň ýüze çykmagy ähtimaldyr. Elektrik tok geçirijiler biri-biri bilen birikdirilende ýörite gysgyçlar, kebşirlemek usuly arkaly birikdirilse talabalaýyk bolar. Ýönekeý el bilen towlanma usuly arkaly birikdirilmegi gowşak bolup, ol ýerlerde toguň garşylykly geçmegi emele gelip, elektrik geçirijileriň sütünleriniň gyzmagyna ýa-da daşky örtükleriniň gurap zaýalanmagyna getirer.




Elektrik gyzdyryjy enjamlary ýanyjy goşlaryň golaýynda goýmak gadagan edilýär. Enjamlary köp wagtyň dowamynda işletmek ýa-da işläp duran wagty ony gözegçiliksiz galdyrmak talabalaýyk däldir. Olaryň aşagynda ýeňil ýanyjylaryň hem bolmagy örän howpludyr. Gyzdyryjylaryň aşagynda oda durnukly gatlaklar goýulsa howpsuzlygy üpjün eder. Elektrik gyzdyryjy enjamlaryň üstünde ýuwlan egin-eşikleri, beýleki goşlary guratmak talabalaýyk däldir. Öýden, iş ýerlerden çykyp gitmezden öň, elektrik akymy bilen işleýän enjamlaryň öçürilendigini barlamagy ýatdan çykarmaly däl. Elektrik togy bilen işleýän enjamlar gurnalanda, ulanylanda ýangyn howpsuzlyk düzgünleri talabalaýyk berjaý edilse bolup biläýjek dürli hadysalaryň öňi alnar. Çünki, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek, howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen anyk çäreleri ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň her bir ýaşaýjysy ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Janymyza, saglygymyza, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerine maddy zyýan ýetirýän gözegçiliksiz otdan seresap bolalyň.

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

## Meşhur suratkeşiň eserleri satyldy

Meşhur amerikan suratkeşi Robert (Bob) Rossuň kartinalary auksion arkaly satuwa çykaryldy. Sungat eserleri ABŞ-nyň Los-Anjeles şäherinde geçirilen auksionda garaşylandan has ýokary bahadan satyldy. Ross 1990-njy ýyllarda telewizorda göni ýaýlym arkaly surat çekmegi bilen köpleriň söýgüsini gazandy. «Belki şu ýerde kiçijik şadyýan agaç bardyr» sözi bilen adamlaryň ýadynda galan Rossuň eserlerini Bonhams auksion öýi satuwa çykardy.

Tomaşaçylara tölegsiz ýaýlym hödürleýän teleýaýlymlara goldaw bermek maksady bilen geçirilen auksionda üç kartina jemi 600 müň amerikan dollaryndan gymmada satyldy. 1993-nji ýylda «The Joy of Painting» gepleşiginde çekilen «Winter's Peace» (Gyşyň asudalygy) atly kartina 318 müň amerikan dollaryna satyldy. Şol ýyl çekilen «Home in the Valley» (Jülgedäki öý) atly eseri 229 müň, «Cliffside» (Kert gaýa) atly eser 114 müň 800 amerikan dollaryna satyldy.

**Yhlas KÖMEKOW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*



## Düwleniň derisinden kitap

Norwegiýanyň Milli kitaphanasynyň bilermenleri 1200-nji ýyllarda taýýarlanan kitabyň ýurduň iň köne kitaby bolup biljekdigini belleýärler. Kitabyň jildiniň düwleniň tüýli derisinden ýasalandygy bellenilýär. Kitap latyn dilinde ýazylypdyr. Eseriň birnäçe sahypasy ýitipdir.



Kitaphananyň bilermenleriniň bellemeklerine görä, golýazma kitabyň ýazgylarynyň birmeňzeş bolmazlygy we ýönekeý bolmagy ýerli senetçiniň ýasandygyny aňladýar. Şol döwürler Skandinawiýada kitaplar seýrek ýagdaýda düwleniň derisi bilen jiltlenipdir. Geçirilen barlaglara görä, Daniýa, Şotlandiýa, Grenlandiýa we Islandiýa ýaly kenarýaka ýurtlarda adaty düwlen (Phoca vitulina), grenland düwleni (Pagophilus groenlandicus) we garsagaýak düwleni (Erignathus barbatus) ýaly deňiz jandarlarynyň derisi kitabyň jildini ýasamak üçin ulanylypdyr.

**Jemile PIRJIKOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby.*

## Az sanly goşar sagady satyldy

Müşderileriň isleglerine görä, gymmat bahaly az sanly sagatlary öndürýän «Patek Philippe» kompaniýasynyň «Reference 1518» atly sagady auksionda rekord bahadan satyldy. Goşar sagady Ženewada geçirilen auksionda 14,2 million şweýsar frangyna (17,6 million amerikan dollary) satyldy. Sagadyň gymmat bolmagynyň sebäbi poslamaýan polatdan we bary-ýogy 4 sanysynyň öndürilen bolmagy bilen baglydyr. Şeýle bolansoň, ol altyndan ýasalan sagatlardan hem gymmada satyldy. Mundan ozal şol sagat 2016-njy ýylda 11 million şweýsar frangyna (13 million 668 müň amerikan dollary) satylypdy.



2019-njy ýylda Şweýsariýanyň «Patek Philippe» kompaniýasynyň «Grandmaster Chime» sagady 31 million amerikan dollaryna satylyp, häzire çenli bu ugurdaky rekordy özünde saklaýar.

**Guwanç ÝAZMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Dünýäniň iň gowy şäherleri

«Resonance Consultancy» maslahat beriş kompaniýasy 2026-njy ýylda ýaşamak, syýahat etmek we maýa goýmak üçin iň gowy şäherleriň sanawyny mälim etdi. Her ýyl ýaýradylýan «World's Best Cities» atly sanaw taýýarlananda, howanyň arassalygy, ýöremek üçin ýodalar, saglygy goraýyş ulgamy, şäherdäki gezelenç edip bolýan ýerleriň, iri kompaniýalaryň sany, iş ekoulgamy ýaly görkezijilere baha berilýär. Bilermenler ilaty 1 milliondan geçýän 270-den gowrak şäheri seljeripdirler. Sanawda Ýewropa şäherleri agdyklyk edýän hem bolsa, soňky ýyllarda Aziýadaky şäherleriň sany hem artýar. London (Beýik Britaniýa), Nýu-Ýork (ABŞ), Pariž (Fransiýa), Tokio (Ýaponiýa) we Madrid (Ispaniýa) öňdäki bäşlige giripdir. Ilkinji onlugy Singapur (Singapur), Rim (Italiýa), Dubaý (BAE), Berlin (Germaniýa) we Barselona (Ispaniýa) jemläpdir.



**Mähri HEMRAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Uçaryň ýerine otlular geçýär

Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň arasynda otly syýahaty ýylsaýyn artýar. Ýokary tizlikli otly ýollarynyň ýaýrawynyň giňelmegi bilen gysga aralyga gatnaýan uçar gatnawlarynyň käbiri ýatyryldy. Täze maksatnama görä bolsa, 2040-njy ýyla çenli has köp baglanyşygy bolan ýokary tizlikli otly ýollary gurlar. Şeýlelikde, şäherara gatnawda ulag ýa-da uçaryň deregine has köp otludan peýdalanylar. Berlin-Kopengagen, Madrid-Lissabon, Tallin-Riga, Riga-Wilnýus, Berlin-Praga-Wena, Sofýa-Afiny, Budapeşt-Buharest, Madrid-Pariž, Mýunhen-Rim ýaly aralyklarda has ýokary tizlikli otly gatnawy ýola goýlar.



Brýussel sebitde ýokary tizlikli demir ýol toruny kämilleşdirmek üçin 345 milliard ýewro maýa goýar.

**Bekirgylyç KALANDAROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 25 ýyl doldy

Halkara kosmos bekediniň işläp başlanyna 25 ýyl boldy. ABŞ we Russiýa tarapyndan bilelikde gurlan, dürli ýurtlaryň alymlarynyň bilelikde zähmet çekýän kosmos laboratoriýasyna häzire çenli 300-e golaý kosmonawt barypdyr. Bu ýerde Ýeriň dartyş güýjüniň bolmazlygy dürli ylmy barlaglary we tejribeleri geçirmäge mümkinçilik berýär. 2000-nji ýylyň noýabrynda russiýaly Ýuriý Gidženko bilen Sergeý Krikalýow hem-de amerikaly Wilýam Şeperd ilkinji bolup Halkara kosmos bekedine aýak basdylar. Kosmosdaky adam eli bilen döredilen iň uly gurluş hasaplanýan desganyň ulanyş möhleti häzire çenli birnäçe gezek yza süýşürildi.



Kosmos bekedi diňe ylmy açyşlar üçin däl, eýsem, syýahatçylyk maksatly hem myhmanlary kabul etdi. Jemi 26 ýurtdan adamlar bu kosmos bekedine baryp gördüler. Ol ýerde film hem surata düşürildi. 2003-nji ýylda Ýuriý Malençenko Ýerden 380 kilometr belentlikdäki kosmos bekedine barýarka, Tehasda duran Ýekaterina Dmitriýewa bilen uzak aralykdan nika baglaşdy. Beýleki ýerlerden tapawutlylykda, Tehasdaky kanunlar jübütlerden biriniň nika dabarasyna gatnaşyp bilmejekdigini görkezýän kepilnamasy bolan ýagdaýynda nikalaşmaga rugsat berýär. Beketde häzire çenli 50-den gowrak ösümlik ösdürilip ýetişdirildi.

**Rüstem MÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň başlygy.*

## Günebakar – peýdaly ösümlik

Taryhy maglumatlara görä, günebakar adamzat durmuşyna bugdaýdan hem öň aralaşan ösümlikdir. Onuň ekilip başlanan wagtynyň 5 müň ýyldan hem ozalky döwre degişlidigini tassyklaýan maglumatlar bar. Häzirki wagtda günebakaryň köp görnüşi bolup, iň uly görnüşiniň boýy 9,5 metre, gülüniň diametri bolsa 82 sm-e deňdir. Iň kiçi görnüşli günebakaryň boýy bary-ýogy 5 sm-e ýetýär.



Günebakar diýlende, göz öňümize Günüň reňki bolan açyk sary reňk gelýän hem bolsa jemi 70-den gowrak görnüşi bolan günebakar ösümliginiň gyzyl, goňur, gyrmyzy reňklisi hem bar. Ekzotikany halaýan adamlara günebakaryň ýapraklary seçekli nagşy ýatladýan görnüşini synlamak has-da gyzyklydyr.

Günebakaryň täsinligi onuň beýleki ösümliklerińkä meňzemeýän üýtgeşik häsiýetleri bilen baglydyr. Olaryň ilkinjisi bolsa günebakaryň, hakykatdan hem, Güni halaýandygy, ýagny Gün şöhlesini yzarlap, hereket arkaly başyny Gün tarapa öwrüp duryandygydyr. Şeýle ýagdaý günüň dowamynda Günüň ýerleşýän ýerine görä birnäçe gezek üýtgeýär. Bu hadysa ylmy dilde «geliotropizm» diýlip atlandyrylýar.

Günebakar ilki Demirgazyk Amerikada ösdürilip ýetişdirilip, Ýewropa ýurtlaryna XVI asyryň başlarynda ispanlar tarapyndan getirilýär. Şondan soňra bu ösümligiň çigidinden ýag almak üçin dürli usullar ulanylyp başlanýar. Arassa hem ýokumly ýag alyp bolýandygy sebäpli bu ösümlik häzirki wagtda dünýäniň dürli ýurtlarynda köpçülikleýin ekilýär. Günebakar iýmitlik ýag almakda öňdäki orunlary eýeleýän ösümlik hasaplanýar. Ilki bezeg güli hökmünde ekilen günebakar soňlugy bilen iýmitlik maksady bilen ösdürilip başlanýar. Günebakar çigidi we ondan alynýan ýag saglyk üçin örän peýdaly bolan B we E toparyna degişli witaminleri, sink, magniý ýaly minerallary, antioksidantlary özünde saklaýar.

**Tirkiş NEDIROW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Tehnologiýa kompaniýalary energiýa maýa goýýar

Soňky ýyllarda tehnologiýa kompaniýalary energiýa pudagyna maýa goýum gönükdirýär. Golaýda «Apple» kompaniýasy Ýewropa ýurtlarynda önümçilik kuwwaty 650 megawat boljak energiýa bekedini gurmak üçin şertnama baglaşandygyny mälim etdi. Şeýle hem kompaniýa Hytaýdaky hyzmatdaşlaryna goldaw bermek üçin 150 million amerikan dollary möçberinde maýa goýar.



Kompaniýanyň bu ýurtdaky önümçilik desgalarynda sarp edilýän elektrik energiýasynyň 90 göterimi arassa çeşmelerden alynýar.

«Microsoft» bilen «Meta» hem ofislerinde we önümçilik desgalarynda sarp edýän elektrik energiýasyny arassa çeşmelerden üpjün edýär. «Meta»-nyň diňe şu ýylyň dowamynda maýa goýan taslamalarynyň umumy önümçilik mukdary 2 gigawatdan geçýär.

Gün we ýel beketleri diňe arassa bolmak bilen çäklenmän, gysga wagtda gurlup bilinýändigi bilen hem tapawutlanýar. Ortaça ululykdaky Gün bekedi taslamasyny 1,5 ýylda durmuşa geçirip bolýar.

**Halylmyrat ÝOMUDOW,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 14-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117511
Belgisi: 46/1664
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Türkmen-amerikan hyzmatdaşlygynyň binýady berkeýär

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk durnukly ösüşiň we birek-birege hormat goýmagyň esasynda üstünlikli ösdürilýär. Iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary giňeltmek, özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de dürli ugurlarda täze mümkinçilikleri açmak häzirki döwürde möhüm ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp bilen duşuşmagy, şeýle hem «Merkezi Aziýa – Amerikanyň Birleşen Ştatlary» formatyndaky sammite gatnaşmagy türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypany açdy.

Şeýle hem bu saparyň çäklerinde «Türkmen-amerikan işewürler hyzmatdaşlygy: ösüşiň täze mümkinçilikleri we geljegi» atly işewürlik maslahaty geçirildi. Bu hem türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň üstünlikli ösdürilýändiginiň alamatydyr.



### SYÝASY GATNAŞYKLAR

Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylda ýola goýuldy. Şondan bäri bu gatnaşyklaryň ösüşi parahatçylykly, deňhukukly hem-de özara hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgesi – hemişelik Bitaraplyk we parahatçylykly diplomatiýa ýörelgeleridir. ABŞ bu syýasaty goldap, Türkmenistanyň sebitdäki durnuklylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine goşýan goşandyny ykrar edýär. Iki ýurt Birleşen Milletler Guramasynyň, ÝHHG-niň hem-de beýleki halkara düzümleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk alyp barýarlar.

Syýasy ugurda ýokary derejeli duşuşyklar, maslahatlar we gepleşikler yzygiderli geçirilýär. Türkmen-amerikan gatnaşyklary sebitara howpsuzlyk, terrorçylyga garşy göreş, serhet howpsuzlygy, energetika we ulag diplomatiýasy ýaly möhüm meseleleri öz içine alýar. Şeýle-de iki ýurduň arasynda «Türkmenistan–ABŞ strategik dialogy» ýörelgesinde gatnaşyklary mundan beýläk hem ösdürmek boýunça netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

### SÖWDA-YKDYSADY HYZMATDAŞLYK

Iki ýurduň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar hem üstünlikli ösdürilýär. Türkmenistan bilen ABŞ-nyň işewür toparlarynyň gatnaşmagynda birnäçe ykdysady taslamalar amala aşyryldy. Şolaryň hatarynda energetika, nebit-gaz, ulag, kommunikasiýa, oba hojalygy we «sanly» ykdysadyýet ulgamlary aýratyn orun tutýar.

ABŞ-nyň «Boeing», «John Deere», «General Electric», «Case», «Caterpillar», «Oshkosh» ýaly iri kompaniýalary Türkmenistanda köp ýyldan bäri üstünlikli iş alyp barýarlar. Bu hyzmatdaşlyk diňe bir haryt alyş-çalyş bilen çäklenmän, häzirki zaman tehnologiýalarynyň we önümçilik tejribeleriniň ýurdumyza getirilmegine, ykdysady ösüşiň täze ugurlarynyň döredilmegine hem ýardam edýär.

Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasynda energetika howpsuzlygy, ykdysady hyzmatdaşlyk we ekologik ösüş meselelerini ara alyp maslahatlaşýan hökümetara topar hem üstünlikli iş alyp barýar. Şeýle duşuşyklar özara maýa goýumlary artdyrmak, täze söwda ugruny döretmek we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin oňyn mümkinçilikleri açýar.

### MEDENI-YNSANPERWER GATNAŞYKLAR

Iki ýurduň gatnaşyklarynyň möhüm bölegi medeni-ynsanperwer gatnaşyklardyr. Türkmen-amerikan gatnaşyklary diňe bir resmi derejede däl, eýsem, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagy arkaly hem ösdürilýär. ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasy bilen ýurdumyzyň degişli edaralarynyň arasynda ylym, bilim, sport we medeniýet ugurlarynda netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Medeniýet ulgamynda geçirilen sergiler, kino günleri, sungat festiwallary, sport ýaryşlary iki halkyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň pugtalanmagyna, özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň artmagyna hyzmat edýär. Şeýle ynsanperwer gatnaşyklaryň netijesinde türkmen we amerikan halklarynyň arasynda gatnaşyklary ösdürmegiň täze köprüsi döredilýär.

Umuman alanyňda, türkmen-amerikan gatnaşyklary häzirki wagtda giň ugurlarda üstünlikli ösdürilýär. Syýasy gatnaşyklarda durnukly hyzmatdaşlyk, ykdysady gatnaşyklarda özara bähbitlilik, medeni-ynsanperwer gatnaşyklarda bolsa ynanyşmak we dostluk ýörelgeleri baş ýörelge bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasaty we ABŞ-nyň global durnuklylygy goldaýan daşary syýasaty iki ýurduň gatnaşyklarynyň sazlaşykly ösmegine berk binýat döredýär. Şeýlelikde, türkmen-amerikan hyzmatdaşlygy diňe bir iki ýurduň däl, eýsem, bütin sebitde parahatçylygy, ösüşi we ynanyşmagy pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm gatnaşyklara öwrülýär.

**Güljahan HOJAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasynyň mugallymy.*

# Ýurdumyzyň Bitaraplygy – parahatçylyk ýörelgeleriniň beýany

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – ýurdumyzyň daşary syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň binýady bolup, Garaşsyzlygyň esaslaryny berkidýän, parahatçylyk, dostluk we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan syýasy ýolumyzy görkezýän derejedir. Türkmen halky öz taryhynda hemişe parahatçylyk, hoşniýetlilik we ynsanperwerlik ýörelgelerini saýlap alypdyr. Şol däpleriň häzirki döwürde dowam etdirilmegi Bitaraplyk derejesiniň manysyny has-da artdyrýar. «Bitaraplyk» sözüniň manysy «parahatçylyk» adalgasy bilen berk baglanyşyklydyr.



Garaşsyz Türkmenistan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 185 döwletiň goldamagynda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe boldy. 2015-nji ýylda bu dereje 193 döwletiň goldamagynda gaýtadan tassyklanyldy. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek biragyzdan kabul edildi. Şeýlelikde, ata Watanymyz Türkmenistan dünýäde hemişelik Bitaraplygy BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen ilkinji döwlet hökmünde syýasy ýagdaýyny has-da berkitdi.

**TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ DÜÝP ÝÖRELGELERI AŞAKDAKYLARDYR:**

- beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk;
- harby birleşiklere goşulmazlyk;
- halkara meselelerde gepleşikler arkaly çözgüt tapmak;
- dostlukly, deňhukukly gatnaşyklary ösdürmek;
- ynsanperwerlik we hoşniýetlilik ýörelgelerine esaslanmak.

Bu ýörelgeler ýurdumyzda parahatçylygyň we durnuklylygyň kepili bolup hyzmat edýär.

Bitaraplyk diňe daşary syýasatda däl, içerki ösüşde hem uly ähmiýete eýe boldy. Bu syýasat ykdysady, medeni, ylym-bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynyň durnukly ösüşine mümkinçilik döretdi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi netijesinde ýurdumyz halkara hyzmatdaşlykda ynamly hyzmatdaş hökmünde tanalýar. Häzirki wagtda Türkmenistan BMG, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, GDA we beýleki halkara guramalar bilen üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine dünýä döwletleri tarapyndan ýokary baha berilýär. Türkmenistan Merkezi Aziýada durnuklylygyň saklanmagyna goşant goşýar, energetika, ulag we ekologiýa ugurlarynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi halkymyzyň parahatçylyk, ynsanperwerlik we dostluk ýörelgeleriniň beýanydyr, ýurdumyzyň ösüşiniň, jemgyýetimiziň durnuklylygynyň we halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň kepilidir.

**Ýazmyrat GULMYRADOW,**
*Aşgabat şäher häkimliginiň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkeziniň Medeni usulyýet merkeziniň esasy usulyýetçi maslahatçysy.*

# Türkmen Bitaraplygy dabaralanýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň öňe sürýän «Parahatçylyk – ösüşiň kepili», «Ynanyşmak – hyzmatdaşlygyň açary» ýaly başlangyçlary halkara derejede giň goldaw tapýar. Şu esasda geçiriljek Halkara forumyň esasy maksady dünýä ýurtlarynyň arasyndaky ynanyşmak dialogyny ösdürmek, özara hormat goýmak ýörelgelerini pugtalandyrmak we parahatçylygyň medeniýetini giňden wagyz etmekdir.

Foruma dünýäniň dürli ýurtlaryndan ýokary derejeli wekiliýetleriň, halkara guramalaryň,



BMG-niň edaralarynyň hem-de ylmy we jemgyýetçilik ulgamynyň wekilleri gatnaşar. Çärede häzirki döwrüň möhüm meseleleri – sebitara durnuklylygy üpjün etmek, ynanyşmak diplomatiýasyny ösdürmek, parahatçylykly hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini döretmek ýaly ugurlar ara alnyp maslahatlaşylar. Şeýle-de foruma gatnaşyjylar dünýäde durnukly ösüşiň, ekologiýa howpsuzlygynyň we jemgyýetleriň arasyndaky ynanyşmagyň orny barada pikir alşarlar.

Türkmenistan alyp barýan oňyn daşary syýasaty arkaly halkara gatnaşyklarda ynanyşmagyň we bitaraplygyň öňüni çekýän döwlet hökmünde tanalýar. 2025-nji ýylyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi bu ugurda ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýynyň subutnamasydyr.

Aşgabatda geçiriljek halkara forumyň aýratyn ähmiýeti onuň dünýä derejesindäki platforma hökmünde çykyş etmegindedir. Bu çäre Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän «Parahatçylyk üçin diplomatiýa», «Suw diplomatiýasy» we «Energetika howpsuzlygy» ýaly möhüm başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegine ýardam berer.

Foruma taýýarlyk işleri ýurdumyzyň ähli degişli edaralary tarapyndan giňden alnyp barylýar. Forumyň çäklerinde tematik oturylyşyklar, halkara maslahatlar, sergiler we metbugat çykyşlary guralar. Şeýle-de foruma gatnaşyjylar Türkmenistanyň parahatçylyk syýasaty, jemgyýetçilik ösüşi, ykdysady we medeni hyzmatdaşlyk tejribesi bilen giňden tanşarlar.

Bu halkara forumyň üstünlikli geçirilmegi diňe bir ýurdumyzyň abraýyny ýokarlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, dünýä derejesinde durnukly parahatçylygyň, ynanyşmagyň, dost-doganlygyň pugtalanmagyna uly goşant bolar. Türkmenistan häzirki wagtda diňe bir sebitde däl, eýsem, dünýä giňişliginde hem ynanyşmak diplomatiýasynyň möhüm merkezi hökmünde çykyş edýär. Bu ýagdaý ýurdumyzyň döwletara gatnaşyklarda öňe sürýän döredijilikli tekliplериniň, ynsanperwer ýörelgeleriniň we parahatçylyk ýolunda alyp barýan netijeli işleriniň aýdyň subutnamasydyr.

Şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek ýokary derejeli halkara forumy hem-de baýramçylyk çäreleri halkymyzyň abadan durmuşynyň, ählumumy asudalygyň, durnukly ösüşiň bähbidine dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen hyzmatdaşlygynyň, türkmen Bitaraplygynyň bütin dünýä uzaýan egsilmejek parahatçylyk döredijі kuwwatynyň täze sahypasynyň aýdyň nusgasy bolar.

**Gülnara ATAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasynyň mugallymy.*

# Haýyr-sahawat – ynsanperwerligiň nusgasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Beýlekileriň ykbalyna duýgudaş bolmak ýa-da bolmazlyk adamkärçilik mertebesini kesgitleýän guraldyr» diýen sözler bar. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy ata-babalarymyzyň şol asylly ýörelgelerini mynasyp dowam etdirýär. Kömege, mähre mätäç çagalara hoşgylaw bakmak, olaryň aladasyny etmek, il hataryna goşmak, olary jemgyýetçilik terbiýesi bilen gurşamak türkmen halkyna mahsus milli däpleriň biridir.

Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň golaýda geçirilen nobatdaky mejlisinde gaznanyň bejeriş işleri boýunça ýerine ýetiriji direktory – wise-prezidenti O.Atabaýewa ýaňy-ýakynda goňşy ýurt Owganystanda bolan heläkçilikli ýertitreme baradaky habaryň ýurdumyzda çuňňur gynanç bilen kabul edilendigini, bu tebigy betbagtçylygyň köp sanly adam pidalaryna, weýrançylyklara getirendigini belläp, türkmen halkynyň gadymdan gelýän ynsanperwerlik, rehimdarlyk hem-de birek-birege kömek bermek ýaly däplerine eýerip, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan bu ýurda we onuň doganlyk halkyna, hususan-da, ejir çeken çagalara ynsanperwerlik kömegini ugratmaga rugsat bermegini Gahryman Arkadagymyzdan haýyş etdi. Milli Liderimiziň bu başlangyjy makullamagy bilen, Owganystana derman hem-de saglygy goraýyş maksatly serişdelerden, dokma we azyk önümlerinden ybarat bolan ýükleri ugratmak dabarasy türkmen halkynyň asylly ýörelgeleri esasynda guraldy.

Adamzat taryhynyň ähli döwründe haýyr-sahawat jemgyýetiň ösüşinde möhüm orny eýeläpdir. Gadymy döwürlerden başlap, halkymyz biri-birine ýardam bermek, ýagşylyk etmek däbine uly ähmiýet beripdir. Bu ýörelge türkmen halkynyň ruhy dünýäsiniň aýrylmaz bölegi bolup, «Haýyrdan haýyr dogar», «Ýagşylygyň özi baýlyk» ýaly pähimlerde öz beýanyny tapýar. Häzirki döwürde hem döwlet derejesinde-de haýyr-sahawat işlerine giň mümkinçilik döredilýär. Ýurdumyzda dürli haýyr-sahawat guramalary, jemgyýetçilik fondlary, ýaşlar birleşikleri jemgyýete peýdaly işleri alyp barýarlar. Bu hereketleriň maksady mätäçlere goldaw bermekden, adamlaryň arasynda ynsanperwerlik, raýdaşlyk, wepalylyk ýaly ýokary ahlak gymmatlyklaryny ösdürmekden ybaratdyr.



Haýyr-sahawatly bolmak diňe bir başgalara peýda ýetirmek bilen çäklenmän, ynsanyň öz ruhy dünýäsini hem baýlaşdyrýar. Beýlekiniň şatlygyndan şat bolmak, biriniň ýüregine umyt salmak, biri üçin ýagşylyk etmek iň ýokary ynsanlyk duýgularynyň biridir. Şeýlelikde, haýyr-sahawat jemgyýetiň ruhy sagdynlygyny üpjün edýän möhüm gymmatlykdyr. Netijede, haýyr-sahawat jemgyýetiň bitewüligini, ynsanlaryň arasyndaky dost-doganlygy berkidýän beýik ýörelgedir. Her bir adam, öz mümkinçiligine görä, jemgyýete peýdaly iş etmek, ýagşylyk etmek bilen ýurdumyzyň ösüşine we ruhy baýlygyna goşant goşup biler.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Ýazyň hem güýzüň şahyry

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gurbannazar Ezizow geçen asyryň altmyşynjy-ýetmişinji ýyllarynda ýiti zehini, döredijilik aýratynlygy, täzeçilligi bilen düýpli tapawutlanýar. Hakdan berlen zehini bilen bal arysynyň gülden-güle gonup, bal ýygnaýşy ýaly, söz äleminden şygyr döreden şahyryň gysga ömründe halkyna goýup giden mirasy aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ümmülmez ummany ýadyňa salýar. Iň esasy bolsa, şahyr haýsy tema ýüzlenip, näme döreden bolsa ol eserleriň okyjylaryň kalbynda orun almagy başaranlygydyr.

Şahyryň türkmen poeziýasyny ýokary götermek barada eden hyzmatlarynyň esasylarynyň biri onuň Ýewropa hem rus şygryýetiniň çeperçilik gazananlaryny türkmen şygryýetine siňdirenliginden ybaratdyr. Şahyr haýsy tema ýüzlense-de, ony milli ruhuň galybynda ýugurmagy ussatlarça başarypdyr.

Şahyryň döredijiliginde tebigat hakdaky şygyrlar aýratyn orny eýeleýär. Çünki tebigat – ynsanyň daşy-dolagy. Galamdaşlarynyň aýdyşy ýaly, Gurbannazar şahyr sözüň doly manysynda ýazyň şahyrydy.

***Guý, ýagyş! Eziber tallaň saçlaryn,***
***Geliber müň ýylky ýollaryň bile.***
***Ýöne dag daşlaryn alyp gaýtma,***
***Dag başynda ýatan silleriň bile.***

Şu pursatlarda gojaman zemin, älem-jahan heýjana gelip suwa düşer. Sähel yz ýanyndanam, älemi nura gark edip, parlap gyzgylt şöhleleri bilen Gün çykar. Şonda böreň-böreň ýagyşlardan soň ýaşyl donuna bürenen zemini synlamagyň özi giden bir lezzetdir.

Gurbannazar Ezizowyň şygyrlary hem edil şol kysmydyr, ol köňüllerde iň näzik duýgulary oýaryp, kalp öýlerine gözellik sahawatyny eçiler. Onsoň baharda açylan çyn güli ysgap doýup bolmaýşy ýaly, şahyryň şygyrlaryny-da okap ganyp bolmaz.

***Bahar säher bilen başlady işe,***
***Ak süýt guýdy erikleriň üstüne.***
***Baldaklary gök reňke boýady,***
***Gülälekler al öwüsdi dessine.***

Bu setirler göz öňüne gülgün baharyň keşbini getirer.

***Sen bir jadygöý sen, giden bir many,***
***Özüň bilen ýazlaşdyrdyň ynsany.***
***Maňa il-günümiň şöhraty-şany,***
***Nesip etsin seniň bilen ýazlarym.***

Şahyr ynsan kowmuny ýazlaşdyrýan bahary jan-jigerden söýüp şygyr döredipdi. Ol al-elwan güllerinden şygyr çemenini baglap, halkyna sowgat edipdi.

Söz ussady Gurbannazar Ezizow şol bir wagtyň özünde güýzüň şahyrydy. Onuň döredijiligi güýz ýaly hasyllydy. Onuň şygyrlary dokmaňyzdy, tagamlydy. Ol güýze ähli syryny açyp, onuň bilen syr alyp, syr berşipdi.



***Güýzüm! Güýzüm! Sen edep,***
***Sen bir nusga, sen many,***
***Açýan seniň öňüňde,***
***Syrlarymyň baryny.***

***Sen dumanly topragyň,***
***Hem çal siňen asmanyň,***
***Bile meniň köňlüme,***
***Saçýaň paýhas nuruny.***

Milli medeniýetimize çuňňur sarpa goýulýan döwrümizde Gurbannazar Ezizowyň edebi mirasyna ýokary baha berildi. Paýtagtymyz Aşgabada görk berip oturan «Ylham» seýilgähinde şahyryň heýkeli bina edildi. Paýtagymyzdaky köçeleriň birine şahyryň ady dakyldy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan şahyryň goşgular ýygyndylary çap edilip, onuň öz okan şygyrlarynyň ses ýazgyly albomy diňleýjilere gowuşdy. Munuň özi şahyryň manyly ömrüniň halkyna miras goýan şygyrlarynda dowam edýändigini görkezýär.

**Jennet AGAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Hyzmat ulgamynyň işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň geňeşiniň başlygy.*

# Agzybir halkymyz bag ekmek çäresine işjeň gatnaşdy

8-nji noýabrda ýurdumyzda ählihalk bag ekmek çäresiniň güýzki möwsümine badalga berildi. Merdana halkymyz bu sogaply işlere agzybirlikde gatnaşdy. Bu bolsa asyrlar aşyp gelýän milli ýörelgeleriň häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirilýändiginiň aýdyň beýanydyr. Tutuş ýurdumyz boýunça geçirilen ählihalk bag ekmek dabarasynyň dowamynda 449 müň 464 düýp bag nahaly ekildi. Şeýle hem seýilgähleri we tokaý zolaklaryny arassalamak, abadanlaşdyrmak işleri bilen birlikde, jemi 1 million 997 müň 775 düýp agaja ideg edildi.

Ýurdumyzda ýylda iki gezek geçirilýän bag ekmek çäresiniň güýzki möwsüminde hormatly Prezidentimiz 12 ýyl ýaşan türkmen arçasyny oturdyp, güýzki ählihalk bag ekmek dabarasyna badalga berdi. Arçanyň ýaşynyň 12-nji dekabrda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen güni bilen gabat gelmegi özboluşly mana eýedir. Geljek aýda bu şanly sene – Türkmenistanyň Bitaraplygynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmeginiň 30 ýyllygy baýram ediler.

### ARÇA – TÜRKMEN TEBIGATYNYŇ GÖZELLIGI

Türkmen arçasy beýikligi 2-10 metre ýetýän, ýaýbaň şahaly agaç bolup, arçanyň beýleki görnüşlerinden diňe daglyk sebitlerde ösýändigi bilen tapawutlanyp, Köpetdag, Köýtendag, Uly we Kiçi Balkan daglarynda, deňiz derejesinden 800-2800 metr beýiklikde ösýär. Ýapragy uşak, iňňeşekilli, tikenli, uzynlygy 6-8 mm, 3 sany ýaprajyk bolup birigen. Tohumy iýmiş şekilli gozajykda ýerleşýär. Gozajyk gaty, şar şekilli, gara-gök reňkli, gysgajyk sapakda oturýar. Bu arça örän haýal ösýär we 600 ýyla çenli ýaşaýar. Fitonsidleri güýçli bölüp çykarýar. Düzüminde köp sanly himiki birleşmeleri saklaýandygy sebäpli türkmen arçasy lukmançylykda derman serişdelerini taýýarlamakda, kosmetika serişdeleri taýýarlamakda we senagatda dürli görnüşli önümleri almakda ulanylýar. Gür owadan şahalary bolup, bezeg agaçlarynyň hataryna girýän türkmen arçasy seýilgählerde ýekelikde we toparlaýyn oturtmak üçin ulanylýar. Häzirki wagtda türkmen arçasy Köpetdagyň eteginde ekilen arça tokaýlygyna özboluşly bezeg berýär we endemik görnüş hökmünde onuň genofonduny köpeltmek we tebigy arealyny gorap saklamak boýunça yzygiderli işler amala aşyrylýar.

Türkmen arçasynyň tebigy ýaýrawy we gory, dermanlyk çig maly, himiki düzümi, ulanylyş aýratynlyklary barada alym Arkadagymyzyň köpýyllyk ylmy-barlag işleriniň netijesi bolan «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopedik kitaplarynyň I jildinde giňişleýin maglumatlar beýan edilýär. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen bu ösümlik Köpetdag we Sünt-Hasardag döwlet goraghanalarynda goralýar.



Daşky gurşawy goramak, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek babatda bu möhüm ähmiýetli çäräniň güýzki möwsümine badalga berilmegi gözel tebigatymyzy bagy-bossanlyga öwürmekde örän ähmiýetlidir. Şonuň üçin hem her ýylyň ýaz we güýz möwsümlerinde şeýle giň gerimli çäreleriň geçirilmegi indi asylly däbe öwrüldi. Munuň özi Türkmenistanyň ählumumy ekologiýa abadançylygyna mynasyp goşant goşýandygynyň, hormatly Prezidentimiziň bu ugurda alyp barýan işleriniň uly üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň güwäsidir.

**Aýpara BEGOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby.*

# Türkmenistanda karbamid önümçiligi

Karbamid dünýäde giňden ulanylýan himiki önüm bolup, oba hojalygynda mineral dökün hökmünde peýdalanylýar. Şeýle-de karbamid himiýa senagatynda plastmassa, boýag, derman we beýleki önümleriň önümçiliginde möhüm çig mal hökmünde ulanylýar. Türkmenistan bu ugurda sebitleýin hem-de halkara derejede möhüm öndürijileriň biri hökmünde çykyş edýär.

Ýurdumyzyň karbamid önümçiligi häzirki wagtda üç sany iri döwrebap zawodyň işine esaslanýar:

**1. TEJEN KARBAMID ZAWODY**

- Tejen şäherinde ýerleşýär, 2005-nji ýylda işe girizilen.



- Ýyllyk kuwwaty, takmynan, 350 müň tonna karbamid öndürmäge niýetlenen.
- Zawod ýerli tebigy gazdan ammiak we karbamid öndürýär.

**2. MARY KARBAMID ZAWODY**

- Mary welaýatynda ýerleşýän bu zawod ýokary öndürijilikli ammiak-karbamid toplumydyr.
- Zawod ýerli tebigy gazyň hasabyna doly üpjün edilýär.

**3. GARABOGAZ KARBAMID ZAWODY**

- Balkan welaýatynyň Garabogaz şäherçesinde ýerleşýär.
- Bu zawod Türkmenistanyň iň iri karbamid toplumydyr.
- 2018-nji ýylda ulanmaga berildi, taslama Ýaponiýanyň «Mitsubishi Heavy Industries» we «Mitsubishi Corporation» kompaniýalarynyň gatnaşmagynda durmuşa geçirildi.
- Umumy ýyllyk kuwwaty:
  - Ammiak – 660 müň tonna,
  - Karbamid – 1 million 155 müň tonna.
- Zawodda öndürilýän karbamid deňiz porty arkaly daşary ýurtlara eksport edilýär.

Türkmenistan karbamid eksportynda Hazar deňzi arkaly halkara deňiz portuny ulanýar.

Karbamid dünýäde iň köp öndürilýän azotly dökünleriň biridir. Her ýyl dünýäde 150 million tonnadan gowrak karbamid öndürilýär.

**IŇ IRI KARBAMID ÖNDÜRIJI ÝURTLAR:**

1. Hytaý dünýä önümçiliginiň 30 göterimden gowragyny üpjün edýär.
2. Hindistan – döwlet tarapyndan goldanylýan önümçilik ulgamy arkaly ýyllyk 25 million tonna golaý öndürýär.
3. Russiýa 8–9 million tonna.
4. ABŞ 7 million tonna çemesi.
5. Ýakyn Gündogar ýurtlary (Eýran, Saud Arabystany, Katar) eksport etmekde öňdäki hatarda.

**DÜNÝÄ BAZARYNDA SARP EDIJILER:**

- Aziýa ýurtlary (Hindistan, Hytaý, Pakistan, Wýetnam) dünýä sarp edişiniň 60%-den gowragyny üpjün edýär.
- Ýewropa ýurtlarynda hem karbamid himiýa senagatynda giňden peýdalanylýar.

Karbamid eksporty ýurduň daşary söwda balansyny gowulandyrýar we döwlet girdejisiniň möhüm çeşmesiniň biri bolup hyzmat edýär. Şeýle hem bu önümçilikler ýurdumyzyň ykdysady diwersifikasiýasyny giňeltmekde we täze iş orunlaryny döretmekde uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň karbamid önümçiligi häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryny ulanmak arkaly ösdürilýär. Şeýlelikde, Türkmenistan diňe sebitde däl, eýsem, dünýä derejesinde-de karbamid öndürijileriniň arasynda öz ornuny pugtalandyrýar.

**Ahmet AGALYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Hasyl toýy – halal zähmetiň gymmaty

Her ýylyň güýz paslynda ýurdumyzda Hasyl toýy uly ruhubelentlikde bellenip geçilýär. Oba hojalyk meýdanlarynda alnyp barylýan güýzki ýygym işleri üstünlikli tamamlanandan soň, ähli welaýatlarda we etraplarda halkymyz bu baýrama gatnaşýar. Hasyl toýy diňe bir oba hojalyk möwsüminiň üstünlikli tamamlanandygyny aňlatman, eýsem, halkymyzyň döredijilik ukybynyň, yhlasynyň, zähmetden tapylan berekediň şanyna tutulýan umumymilli baýramydyr.

Türkmen halky gadym döwürlerden bäri topragy mukaddes hasaplapdyr. «Toprak – rysgal çeşmesi», «Zähmetsiz bereket ýok» ýaly pähim-paýhasly sözler halkymyzyň ýaşaýyş ýörelgesiniň manysyny açyp görkezýär. Şonuň üçin hem Hasyl toýy diňe bir oba hojalyk işgärleriniň baýramy bolman, eýsem, ähli halkymyzyň zähmetiň we berekediň dabarasyna gatnaşýan, milli ruhuň janlanýan güni hökmünde giňden bellenilýär.

Daýhanlaryň, kärendeçileriň, mehanizatorlaryň we oba hojalyk işgärleriniň arasynda geçen zähmet ýaryşlarynyň netijeleri jemlenýär, üstünlik gazanan ildeşlerimiz döwlet sylaglaryna, sowgatlara mynasyp bolýarlar. Bu ýagdaý halkymyzyň zähmete bolan söýgüsini has-da artdyrýar, ýaş nesillerde halal zähmetiň gymmatyny duýmak duýgusyny pugtalandyrýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da berkitmek, ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmak, önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, tohumçylyk işini kämilleşdirmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Guşçulygy we maldarçylygy ösdürmek, azyk bolçulygyny üpjün etmek, ýer we suw serişdelerini oýlanyşykly peýdalanmak, daşky gurşawy goramak bilen bagly wezipeler üstünlikli amala aşyrylýar. Agzybirlikde çekilen zähmetiň, pudagyň işiniň sazlaşykly ýola goýulmagynyň netijesinde şu ýyl gallaçy daýhanlarymyz Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny tabşyrdylar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda oba hojalygyna aýratyn üns berlip, ekerançylyk ýerleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, suw hojalygyny gowulandyrmak, daýhanlary döwrebap tehnikalar bilen üpjün etmek ýaly işler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Munuň netijesinde ýurdumyzda ýylsaýyn bereketli hasyl ýygnalýar.



Bu baýramyň çäginde geçirilýän medeni çäreler hem aýratyn ähmiýete eýedir. Halkymyzyň milli oýunlary, aýdym-sazly çykyşlary, sungat ussatlarynyň çykyşlary Hasyl toýunyň dabarasyny artdyrýar. Sergilerde we baýramçylyk çärelerinde ýurdumyzyň ähli künjeginde öndürilýän oba hojalyk önümleri görkezilýär.

Hasyl toýy halkymyzyň döredijilik ruhuny, topraga bolan söýgüsini, halal zähmetiň gadyr-gymmatyny we Watanymyzyň ösüşine bolan ynamyny dabaralandyryp, nesilleriň aňynda topragyň berekediniň halkyň bagtynyň çeşmesi bolup durýandygyny ýatladýan ähmiýetli baýram hökmünde öz ornuny hemişelik saklar.

**Güljeren ŞAMYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**38 milliard dollarlyk şertnama.** «Amazon Web Services» (AWS) we «OpenAI» kompaniýalary 38 milliard dollarlyk şertnama baglaşdylar. Bu «OpenAI» kompaniýasyna «Nvidia» kompaniýasynyň çiplerine elýeterliligi üpjün eder. Hyzmatdaşlygyň ýedi ýyl dowam etmegine garaşylýar. Emeli aň ugrundan öňdebaryjy bolan «OpenAI»-yň soňky wagtlar tehnologiýa pudagyny özgerdendigi habar berilýär.



**Abatlaýyş işleri geçiriler.** Şu ýylyň ýanwarynda yglan edilen Luwr muzeýiniň abatlaýyş işlerine öň çaklanylýan 700-800 million ýewronyň ýerine 1,15 milliard ýewro çykdajy edilmegine garaşylýar. Bu barada Fransiýanyň Hasap palatasynyň taýýarlan hasabatynda aýdylýar. Şu ýylyň başynda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron muzeýiň abatlaýyş işlerine gönükdirilen «Luwruň täze Galkynyşy» diýlip atlandyrylýan maksatnamany mälim edipdi.



**Maglumat merkezini gurar.** «Google» Hindi ummanyndaky Roždestwo adasynda uly emeli aň maglumat merkezini gurmakçy. Bu taslama «Google» bilen Awstraliýanyň häkimiýetleriniň arasynda bulut tehnologiýalary ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşyga gol çekilenden soň amala aşyrylýar. Häzirki wagtda «Google»-yň bu adany uzak möhletli kärendesine almak boýunça gepleşik geçirýändigi habar berilýär.



**Pompeide müsür wazasy tapyldy.** 2000 ýyl ozal Wezuwiý wulkanynyň atylyp çykmagy netijesinde, külüň astynda galan meşhur gadymy Rim şäheri Pompeide Müsür wazasy tapyldy. Hünärmenler daşy aw sahnalary bilen bezelen Müsür wazasynda nämeleriň saklanandygyny anyklamaga synanyşýarlar. Hünärmenleriň pikiriçe, bu açyş iki medeniýetiň arasynda deňsiz-taýsyz medeni we söwda gatnaşyklarynyň bolandygyny görkezýär.



**Baş baýraga mynasyp boldy.** Çehiýaly model Natali Puşkinowa Manilada geçirilen «Zemin hanymy – 2025» gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi boldy. Puşkinowa 79 zenan bilen bäsleşdi. Emin agzalary bu bäsleşikde dört ýeňijini saýladylar. «Howa hanymy» baýragyna islandiýaly gyz, «Suw hanymy» baýragyna wýetnamly gyz we «Ot hanymy» baýragyna tailandly gyz mynasyp boldy. Bäsleşigiň esasy baş baýragyna çehiýaly 21 ýaşly Natali Puşkinowa mynasyp boldy.



**Hytaý «emeli Güni» işe girizer.** Hytaý 2027-nji ýyla çenli «emeli Gün» atly synag maksatly termoýadro reaktorynyň gurluşygyny tamamlamakçy. Bu elektrik energiýasyny öndürip bilýän dünýädäde ilkinji desga bolup biler. Reaktor Hefeý şäherinde gurulýar. 400 tonnalyk desga ägirt uly termos ýaly işleýär. Onuň supergeçiriji magnitleri deýteriýa we tritiýadan ybarat bolan plazmany saklamak üçin 269 gradusa çenli sowadylýar.



**Gazagystanda 190 gar barsy bar.** Gazagystanda, takmynan, 190 gar barsy ýaşaýar, bu 1990-njy ýyllardaky sandan iki esse köp. Bu barada Gazagystan Respublikasynyň Ekologiýa we tebigy serişdeler ministrligi habar berdi. Ministrligiň maglumatyna görä, 1990-njy ýyllarda ýurtda gar barsynyň sany örän az bolup, takmynan, 80-100 töweregidi.



**«Tesla» 1500 robotaksi öndürer.** Amerikan işewüri Ilon Mask şu ýylyň ahyryna çenli «Tesla»-nyň 1 müň 500 robotaksi öndürip biljekdigini mälim etdi. «Tesla» häzirki wagtda, takmynan, 150-200 awtonom ulag serişdesini ulanýar. San-Fransisko aýlagynda we Ostinde meýilleşdirilen giň möçberli işleri barada mälim eden Mask ýylyň ahyryna çenli aýlag sebitinde, azyndan, 1000, Ostinde bolsa 500 ýa-da ondan köp ulagyň boljakdygyny aýtdy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1896-njy ýylyň 14-nji noýabrynda Niagara şaglawugynda gidroelektrik stansiýasy işe girizildi. Bu taslama Nikola Teslanyň 1891-nji ýylda üýtgeýän tok ulgamyny oýlap tapmagy bilen mümkin boldy, bu bolsa uzak aralyklara elektrik energiýasyny ibermäge mümkinçilik berdi. Şeýlelikde, Buffalo şäheri elektrik energiýasy bilen üpjün edildi.**



# Prezident kasam kabul etdi

**8-nji noýabrda Boliwiýanyň Prezidenti Rodrigo Pas kasam kabul edip, wezipesine girişdi. Bu barada ýurduň teleýaýlymy habar berdi.**

**Kasam kabul ediş dabarasyna Argentina, Paragwaý, Urugwaý, Çili, Ekwador ýaly birnäçe ýurduň Prezidentleri gatnaşdy. Prezident bilen birlikde, ýurduň wise-prezidenti Edmand Lara hem kasam kabul etdi.**

**Pas 19-njy oktýabrda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda döwlet Baştutany wezipesine saýlandy. Ol «Sosializme tarap hereketiň» wekili Luis Arseniň ýerine geçdi. Bu bolsa iki onýyllyga golaý döwürden soň syýasy güýçleriň deňagramlylygyny üýtgetmek üçin ädilen ädim boldy. Çünki bu döwürde çepçi güýçler häkimiýetde agalyk ediji orny eýeleýärdi.**

**1989-njy ýyldan 1993-nji ýyla çenli ýurdy dolandyran Boliwiýanyň öňki Prezidenti Haýme Pas Samoranyň ogly Pas «Erkin işewürlik hemmeler üçin» şygary astynda özgertmeleri amala aşyrmagy wada berýär. Ol salgyt girdejilerini sebitleriň we şäher häkimlikleriniň peýdasyna gaýtadan paýlamak arkaly ykdysadyýeti merkezleşdirmeli däldigini öňe sürýär. Şeýle hem ol elýeterli karzlar düzgüniniň girizilmegini, kiçi we orta kärhanalara goldaw bermek üçin salgyt ýeňillikleriniň döredilmegini goldaýar.**

**Şol bir wagtyň özünde, ol öz ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmek**



**maksady bilen halkara maliýe edaralaryndan karz almak mümkinçiligini aradan aýyrýar. Şeýle hem syýasatçy Boliwiýanyň dünýäniň ähli ýurtlary bilen gatnaşyklaryny ösdürmegi maksat edinýär.**

**Günorta Amerikanyň merkezinde ýerleşýän köp milletli bu ýurtda 12 milliondan gowrak adam ýaşaýar. Ýurtda 37 sany resmi döwlet dili bar. Paýtagty Sukre, ýöne döwlet edaralarynyň köpüsi La-Pasda ýerleşýär.**

# COP30 howa sammiti açyldy

10-njy noýabrda Braziliýanyň Belen şäherinde Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýa gatnaşyjy taraplaryň 30-njy maslahaty – COP30 öz işine başlady. Bu halkara forum dünýäniň dürli künjeginden döwlet Baştutanlaryny, hökümet wekillerini, ylmy-barlag institutlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerini hem-de işewür toparlary bir ýere jemledi. Bu maslahatda howanyň üýtgemegi boýunça çäreleri halkara derejesinde ileri tutulýan ugurlaryň öň hatarynda goýmak maksat edinilýär.

Maslahatyň açylyş dabarasynda COP29-yň başlygy Muhtar Babaýew geçen ýyl Azerbaýjanyň paýtagty Bakuda geçirilen sammitde gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmäge çagyrdy. COP30-yň başlygy Andre Korrea du Lagu bu wezipäni özüne ynanandygy üçin Braziliýanyň Prezidenti Luis Inasiu Lula da Silwa hoşallyk bildirdi we COP30-yň täze çözgütleri hödürlemäge tagalla etjekdigini belledi.

– Bütin dünýäde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleri has-da gowulanýar. Ylym, bilim we medeniýet biziň ýöremeli ýolumyzdyr. Köptaraplaýyn özara hyzmatdaşlyk howanyň üýtgemegine garşy göreşde baş maksadymyz bolar – diýip, Andre Korrea du Lagu belledi.

Belen şäheri «Zeminiň öýkeni» hasaplanýan Amazon sebitiniň jümmüşinde ýerleşýär. Şonuň üçin COP30-yň bu ýerde geçirilmegi aýratyn bellärliklidir. Bu forumyň dowamynda dürli ýurtlaryň täze milli maksatnamalary hödürlenip, ählumumy maýlamanyň derejesini +1,5 °C çäklerinde saklamak üçin anyk ädimler ara alnyp maslahatlaşylýar. Şeýle-de tehnologiýanyň paýlaşylmagy, täze maliýe çeşmeleri, «ýaşyl» energetika






we daşky gurşawy goramak boýunça başlangyçlar öňe sürüldi. Şonuň ýaly hem bu çärede howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we Pariž ylalaşygynyň global deňagramlylygyny durmuşa geçirmek ýaly başga-da birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar.

21-nji noýabra çenli dowam etjek maslahata 190-dan gowrak ýurtdan we sebitden wekilçilikli toparlar gatnaşýar.

# WEZIPESINE GIRIŞDI

**7-nji noýabrda Kamerunyň Prezidenti Pol Biýýa täze ýedi ýyllyk möhlete kasam kabul etdi. 12-nji oktýabrda geçirilen Prezident saýlawlarynda 92 ýaşly Biýýa sesleriň 53,66 göterimine eýe boldy. Ol 1982-nji ýyldan bäri häkimiýetde we «Kamerunyň halk-demokratik hereketine» ýolbaşçylyk edýär. Biýýa paýtagt Ýaundede geçirilen dabarada Milli Assambleýanyň (parlamentiň aşaky palatasy) başlygy Jibril Kawaýe Ýegieniň öňünde kasam kabul etdi. Bu onuň sekizinji prezidentlik möhletidir.**

**– Ýaşlaryň we zenanlaryň ýagdaýy meniň ileri tutýan ugrum bolar – diýip bellän Biýýa öz çykyşynda agzybir we gülläp ösýän ýurdy gurjakdygyny wada berdi.**

**Kamerun Respublikasy Merkezi Afrikanyň günbatar böleginde ýerleşýän, günorta-günbatarda Bonni aýlagynyň (Atlantik ummanyndaky Gwineýa aýlagynyň bir bölegi) suwy bilen ýuwulýan ýurtdur. Bu ýurt BMG-niň (1960), Afrika Bileleşiginiň (1963), Halkara Pul Gaznasynyň (1963), Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň (1963), Bütindünýä Söwda Guramasynyň (1995), Milletler bileleşiginiň (1995) agzasydyr.**

**Kamerun Respublikasynyň Konstitusiýasy 1972-nji ýyldan bäri hereket**




**edýär. Kamerun Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylygyndaky Arkalaşygyň agzasydyr. 1961-nji ýyldan bäri ýurdy dolandyrýan «Kamerunyň halk-demokratik hereketi» partiýasy 180 orunlyk Milli Assambleýada 140 orny eýeleýär. Kamerunyň ilaty 30 milliondan gowrak adama deň.**

# Albaniýa ÝB-e goşulmakçy

Albaniýanyň Premýer-ministri Edi Rama Awstriýanyň «Die Presse» gazetine beren interwýusynda öz ýurdunyň 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşigine goşulmagyna bil baglaýandygyny aýtdy. Ramanyň sözlerine görä, Tirana Ýewropa Komissiýasy bilen bilelikde 2027-nji ýyla çenli gepleşik prosesini tamamlamak üçin tertipnama işläp düzdi, şondan soň ylalaşyklaryň Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar tarapyndan tassyklanmagy üçin, takmynan, iki ýyl gerek bolar.

– Biziň meýilnamamyz, möhletimiz we etmeli işlerimiz köp. Bularyň hemmesi Ýewropa Komissiýasy bilen bilelikdäki meýilnamamyzyň bir bölegidir. Biz ýeke özümiz hereket etmeýäris, biziň hemmetaraplaýyn goldawymyz bar. Gepleşikler tamamlanandan soň, tassyklama prosesleri üçin ýene iki ýyl garaşýarys. Şonuň üçin biziň maksatly senämiz 2030-njy ýyl – diýip, Premýer-ministr belledi. Ol bu wagt tertibiniň takyk hasaplamalara esaslanýandygyny düşündirdi.

Ýurt 2014-nji ýylyň iýun aýynda Ýewropa Bileleşigine goşulmak üçin resmi dalaşgär derejesini aldy. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi 2020-nji ýylyň mart aýynda Albaniýanyň bileleşige goşulmagy baradaky gepleşikleriniň başlamagy-



ny makullady we 2022-nji ýylyň iýulynda Albaniýa bilen şeýle gepleşiklere başlady.

Günbatar Balkan ýarym adasyndaky ýurtda 2 million 402 müňden gowrak ilat ýaşaýar. Ýurduň paýtagty Tirana şäheri. Resmi dili alban dilidir.

# Tüwi sarp edilişi boýunça öňdebaryjy ýurtlaryň sanawy

Tüwi dünýäniň ähli halklarynyň aşhanalarynda diýen ýaly ulanylýar. Bu däne köp ýurtda esasy iýmit bolup, sarp edilişiniň derejesi dürli-dürli. «WorldStats"-yň maglumatlaryna esaslanýan täze infografika, Mýanmanyň ýylda adam başyna 278,97 kilogram tüwi sarp etmek bilen dünýäde öňdeligi eýeleýändigini görkezýär. Ondan soň Komor adalary (274,51 kilogram), Gambiýa (256,4 kilogram), Kamboja (247,54 kilogram) we Bangladeş (246,85 kilogram) gelýär. Wýetnam, Laos, Filippinler, Şri-Lanka we Indoneziýa ilkinji onlugy doldurýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) maglumatlaryna görä, 2024-nji ýylda dünýäde tüwi sarp edilişi, takmynan, 522 million tonna deň boldy, bu bolsa ýokary bahalara garamazdan bu önüme bolan durnukly islegi görkezýär.

Çaklamalara görä, 2025/26-njy ýyllarda, esasan hem, Afrikanyň tropik ýurtlarynda tüwiniň sarp edilişiniň has artmagyna garaşylýar.

ABŞ-nyň Oba hojalyk ministrligi (USDA) dünýäde şaly önümçiliginiň ösjekdigini çaklaýar. Ministrligiň çaklamalaryna görä, Hindistanda we Günorta-Gündogar Aziýada hasylyň artmagy bilen umumy tüwi önümçiliginiň 541,6 million tonna ýetip biljekdigi çaklanylýar. Global tüwi söwdasy, esasan, Hindistanyň eksportynyň giňelmegi bilen baglylykda, 60 million tonna çenli artyp biler.




# Dünýäniň iň uly import ediji ýurtlary

2024-nji ýylda dünýäniň haryt importynyň 13 göterimden gowragyny öz içine alýan Amerikanyň Birleşen Ştatlary dünýäde iň köp satyn alýan ýurda öwrüldi. Onuň importynyň möçberi 3,4 trillion dollara ýetdi.

Importyň düzümi, esasan, senagat çig mallaryndan we enjamlardan başlap, sarp edilýän harytlara çenli giň. Bu ýagdaý ýurduň içerki sarp edişiniň ýokarydygyny we bazaryň has işjeňdigini görkezýär. Şol bir wagtyň özünde 2,6 trillion dollarlyk import bilen Hytaý dünýä reýtinginde ikinji orny eýeleýär.

Bütindünýä Söwda Guramasynyň maglumatlaryna esaslanýan bu infografika Ýer togalagyndaky iň uly haryt importçylaryny aýdyň görkezýär. Birleşen Ştatlar dünýäde öňdebaryjy importçy hökmündäki derejesini uly tapawut bilen saklap galýar we dünýäniň umumy importynyň 13,6 göterimini emele getirýär.

Iň uly import ediji pudaklaryň arasynda derman senagaty we awtoulag pudagy bar. Meksika we Kanada bilelikde ABŞ-nyň importynyň 28,1 göterimini, Ýewropa Bileleşigi we Hytaý bolsa, degişlilikde, 18,5% we 13,4 göterimini düzýär.

Importy 718 milliard dollara ýeten Hindistan sekizinji orny eýeledi. Importyň ýyllyk 7% artmagy ýurduň durnukly ykdysady ösüşi bilen baglanyşyklydyr. Satyn almak boýunça onuň esasy söwda hyzmatdaşlary Hytaý, Russiýa we BAE bolup, Birleşen Arap Emirliklerinden import 2024-nji ýylda 34% ýokarlandy.

Ösüş depgini boýunça Wýetnam importyň ýyllyk 17% artyşyny görkezip, öňde barýar. BAE 16% ösüş bilen onuň yz ýanyndan gelýär. Bu ösüş 2024-nji ýylda daşary söwdanyň rekord derejede bolmagy netijesinde, altyna we awtoulaglara bolan islegiň has-da artmagy bilen baglanyşyklydyr.




# TEBIGAT BILEN HAS GÜÝÇLI BAGLANYŞYGY BOLAN ÝURTLAR

**Alymlar adamlaryň tebigat bilen has güýçli baglanyşygy bolan ýurtlary kesgitlediler. Bu barlaglara 61 ýurtdan 57 müň adam gatnaşdy. Barlaglarda medeni, ykdysady we geografik faktorlaryň adamlaryň tebigata bolan garaýyşlaryna nähili täsir edýändigi ýüze çykaryldy.**

**Sanawda Nepal birinji orny eýeledi, ondan soň Eýran, Günorta Afrika Respublikasy, Bangladeş we Nigeriýa gelýär. Çili, Horwatiýa, Gana, Bolgariýa we Tunis hem ilkinji 10-luga girdi. Alymlar ilkinji 10-luga diňe iki Ýewropa ýurdunyň girendigini**



**bellediler. Sanawda soňky alty orny Niderlandlar, Kanada, Germaniýa, Ysraýyl, Ýaponiýa we Ispaniýa eýeledi.**

**«Tebigat bilen baglanyşyk» düşünjesi adamyň durmuşyň beýleki görnüşlerine psihologik ýakynlygyny görkezýär. Barlaglara görä, tebigat bilen baglanyşyk psihologik abadançylygy gowulandyrýar we biodürlüligiň goralmagyna ýardam edýär.**

**Barlaglaryň netijeleri ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň tebigat bilen has az baglanyşygynyň bardygyny görkezdi. Bilermenleriň pikiriçe, tehnologik ösüş adamzada uly peýda getirdi, ýöne tebigy ekoulgamlaryň ýok edilmegi ýaly «garaşylmadyk kynçylyklary» hem getirdi. Alymlaryň aýtmagyna görä, adamlar bilen tebigatyň arasyndaky boşlugy doldurmak üçin «tehnologik taýdan ösüş bilen ruhy ewolýusiýanyň arasyndaky deňagramlygy» gazanmaly.**

**Mundan öň bilermenler Amazon tokaýlarynyň soňky 40 ýylyň dowamynda ýok edilmeginiň möçberini ýüze çykardylar. Barlaglarda bu döwürde jeňňelleriň Ispaniýanyň meýdany ýaly çäkleri ýitirendigi anyklanyldy. 1985-nji ýyldan 2024-nji ýyla çenli 49 million gektardan gowrak agaç kesilipdir.**

# DÜNÝÄNIŇ 7 TÄSINLIGINIŇ BIRI

Köpler piramidalar hakynda söz açylanda ilki bilen Müsüri göz öňüne getirýär. Nil derýasynyň boýunda gurlan bu piramidalardan başga-da, Sudanda, Peruda, Gwatemalada, Hytaýda we Italiýada üçburç binalar bar. Taryhyň iň meşhur binagärligi hasaplanýan piramidalar häzirki wagta çenli özünde açylmadyk syrlary saklaýar. Şeýle syrly ýadygärlikleriň biri hem Meksikada ýerleşýär.

Meksikanyň Ýukatan ýarymadasynda maýa siwilizasiýasyna degişli bolan Çiçen-Isa ýadygärligi iň gadymy gurluşlaryň biri hasaplanýar. 6 gektar meýdany tutýan bu ýadygärlik birnäçe binany öz içine alýar. Çiçen-Isa ýadygärliginiň düzüminde beýik piramida, ybadathanalar, tomaşa meýdançalary we birnäçe täsinlikler ýerleşýär. Çiçen-Isanyň binalary birnäçe binagärlik toplumyna bölünip, olardan Kukulkan ybadathanasyny (El Castillo), Söweşijiler ybadathanasyny we Uly top kortunyň ýadygärliklerini görkezmek bolar.

Çiçen-Isanyň demirgazyk böleginde Kukulkanyň ybadathanasy, ýagny «El Castillo» (Gala) piramidasy şäher ýadygärligindäki esasy binalaryň biridir. X asyrda maýalar tarapyndan gurlan bu piramidanyň depesinde dokuz inedördül eýwandan ybarat ybadathana ýerleşýär. 24 metr beýiklikdäki piramidanyň 365 sany basgançagy bar. Bu şol döwürler Günüň dogşy we batyşy bilen ölçenen hasap bolup, şäherde astronomiýa ylmynyň gülläp ösendiginden habar berýär. Piramidanyň gapdallary 53 dereje burç bilen ýokary göterilýär. Demirgazyk we gündogar basgançaklaryň başlanýan ýerinde aždarhanyň kellesiniň şekili ýerleşdirilipdir. Piramida irki döwürlerde däp-dessurlaryň berjaý edilýän ýeri hökmünde peýdalanylyp, içki bezeginde, esasan, gyzyl reňkli nagyşlar we tegmiller ulanylypdyr. Şeýle hem içerde Çag Mool heýkeli we ýaguar şekilli tagt bar.

Piramidadaky geň ýagdaýlaryň biri, günortanyna kölege düşmegi esasynda basgançaklaryň egrem-bugram bolup görünmegidir.

Şäher ýadygärliginiň diwarlarynda gadym döwürlerde sport ýaryşlarynyň geçirilendigine güwä geçýän






13 sany top geçirilýän halka saklanyp galypdyr. 8 metr beýiklikde asylyp goýlan bu halkalardan top geçirmek arkaly ýaryşlar guralypdyr. Sport meýdançasynyň uzynlygynyň 150 metr, ininiň 70 metr töweregi bolandygy çaklanylýar.

Çiçen-Isa şäher ýadygärligi bir asyrdan gowrak wagt bäri syýahatçylar üçin elýeterli bolup, Meksikada baryp görmeli ýerleriň biri hasaplanýar. 1894-nji ýylda syýahatçylyk pudagynyň sanawyna girizilen bu ýadygärlik toplumy 2007-nji ýylda köp sanly ses berişlikden soň dünýäniň 7 täsinliginiň biri hökmünde yglan edildi. Häzirki wagtda piramidany we gadymy desgalary görmek üçin her ýyl 2,5 million töweregi syýahatçy barýar. 1988-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Çiçen-Isa dünýäniň täze 7 täsinliginiň biri hasaplanýar. Çiçen-Isa «gowy etniki nesil» diýen manyny berýär.



# Dubaýyň täsin suw çüwdürimleri

Şäherleriň görküne görk goşýan suw çüwdürimleri ilkibaşda bezegçilik maksadynda gurulman, eýsem, ilaty agyz suwy bilen üpjün etmekde, suw geçirijilerini birikdirmekde hyzmat edipdir. Şäher ýaşaýjylarynyň suw bilen bagly zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin oýlanyp tapylan bu ulgama bolan zerurlyklar XIX asyrdan soň azalyp, bezeg hökmünde ulanylyp başlanýar. Soňky ýyllarda syýahatçylyk babatda hem uly üns berilýän suw çüwdürimleriniň göwrümi, owadanlygy we özboluşly «hereketleri» bilen tapawutlanýan birnäçe görnüşi bar.

Dünýädäki iň uzyn suw çüwdürimi Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde ýerleşýär. 30 gektar meýdany eýeleýän bu suw desgasy Burj-Halifa gökdiräniniň öňündäki kölde, Dubaý söwda merkeziniň golaýynda ýerleşýär. «Dubaý çüwdürimi»




atly bu suw desgasy amerikan kompaniýasy «WET Design» tarapyndan gurlup, 2009-njy ýylda resmi taýdan açylýar. Suw desgasyny 6600 çyra, 50 reňkli proýektorlar yşyklandyrýar. 275 metr uzynlykda aýdymdyr saz bilen bilelikde hereket edýän suw çüwdürimi 152 metr beýiklige suw pürkýär.

Dünýädäki iň uly suw çüwdürimi hem Dubaý şäherinde ýerleşýär. «Palma çüwdürimi» atly bu suw desgasy 1 müň 335 inedördül metr meýdany eýeleýär. Ginnesiň rekordlar kitabyna dünýäniň iň uly suw çüwdürimi LED yşyklary bilen, aýdym-saz utgaşmasy we dürli reňkde ýagtylyk saçmagy bilen görenleri haýran galdyrýar. Arap aýlagynda ýerleşýän bu suw çüwdürimi häzirlikçe işledilmeýär.

# Daşy teňňeli süýji miwe

**Güýz we gyş aýlarynyň iň meşhur miwelerinden biri bolan ananas süýji şireli tagamy bilen tanalýar. Tropik miwäniň bu görnüşinde adam saglygy üçin möhüm bolan witaminler we mikroelementler, az mukdarda ýag hem-de belok saklanýar. Uglewoda hem-de süýüme baý miwe adam bedenini ýeterlik derejede C witamini, marganes, magniý we folat bilen üpjün edýär. Bilermenler ananasyň peýdasy barada şeýle belleýärler:**

● Ananas iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýän miwe hasaplanýar. Ananasyň miwesiniň we baldagynyň düzümindäki bromelain atly ferment aşgazan-içege ulgamynyň işi üçin peýdaly bolup, kabul edilen iýmitlerdäki şekeriň siňdirilmegini gijikdirmäge kömek edýär. Bu bolsa gandaky şekeriň kadaly saklanmagyna we iýmitden alynýan energiýa derejesiniň durnukly bolmagyna kömek edýär.

● Bilermenler bogunlardaky agyryny we çişleri bejermekde ananasyň peýdasynyň bardygyny belleýärler. Bu miwäniň düzümindäki bromelain bogunlardaky rahatsyzlygy we agyryny azaltmaga ýardam edýär. Geçirilen barlaglarda ananas iýmek arkaly 6 hepdeden soň artritden ejir çekýänlerde agyrynyň aýrylandygy ýüze çykaryldy.

● Köp adam bedeninde C witamininiň ýeterlik derejede bolmagy üçin apelsin ýa-da narynç miweleri iýýär. Emma ananas bu miwelere görä C witamine has baý bolup, bedeni ýeterlik derejede antioksidantlar bilen üpjün edýär. Bir käse ananas şiresinde 69 milligram C witamini saklanýar.



● Ananasyň düzümindäki witaminlerdir ýokumly maddalar bedeniň sowuklama ýa-da beýleki kesellere garşy durujylygyna kömek edýär. Bu miwe üsgülewügi bejermekde hem peýdaly hasaplanýar. Ananasda witaminler we minerallar bilen bir hatarda suwuň köp mukdarda saklanmagy aşa köp iýmegiň öňüni alýar. Bu bolsa immuniteti sagdyn saklamaga ýardam edýär. Bir käse ananasda bary-ýogy 82 kaloriýa, 1 gramdan az ýag, 2 gram süýüm we 16 gram fruktoza bar.

● Ananas bromelain, marganes we C witaminden başga-da, flawonoidlere (tebigy madda) baýdyr. Ananasdaky antioksidant çişmä, wiruslara we strese garşy göreşýän madda bolup, beýleki gök önümlerdäki antioksidantlardan has uzak wagtlap saklanýandygy bilen tapawutlanýar.

● Marganes süňke, gandaky şekeri kadalaşdyrmaga we keselleriň öňüni almaga kömek edýän mikroelementdir. Bir käse ananasda 1,5 milligram marganesiň bardygyny göz öňünde tutmak bilen bu miwäni iýmek arkaly marganes ýetmezçiligini dolup bolýar. Marganes kesel töwekgelçiliklerini azaltmaga kömek edýän güýçli antioksidant hasaplanýar.

● Ananas tiamin, niasin, B6 we folat ýaly B witaminine degişli birnäçe maddalary özünde jemleýär. Bu ýokumly maddalar kabul edilen iýmitden gaýtadan energiýa işlemäge kömek edýär. Şeýle hem içki beden agzalaryna we dokumalara kislorod iberýän gyzyl öýjükleri emele getirmekde möhüm orny eýeleýär.

Kosta-Rika, Filippinler, Niderlandlar, ABŞ, Belgiýa we Ekwador bu miwäni eksport ediji esasy ýurtlar bolup, dünýäde her ýyl 30 million tonna ananas öndürilýär. Ananas daşy teňňe şekilli gabygy arassalanandan soň, halka görnüşli dilimlere ýa-da böleklere bölünip iýilýär. Bu miwe dükanlarda gaplanan hem-de dilimlenip doňdurylan görnüşinde hem müşderilere hödürlenýär.

## ÇAGALAR

**Pudu keýigiň iň kiçi görnüşi bolup, boýy bary-ýogy 44 santimetre ýetýär.**

# Keýigiň iň kiçi görnüşi



**Dünýäde keýigiň 50-den gowrak görnüşi duş gelýär. Keýikler öz aralarynda köne dünýä sugunlary (cervinae) we täze dünýä sugunlary (capreolinae) diýen iki kiçi maşgala bölünýär. Keýigiň iň uly görnüşi Ýewropada ýaşaýan los bolup, agramy 380-700 kilograma, bedeniniň uzynlygy 3 metre, boýy 2 metre ýetýär. 25 ýyla çenli ýaşaýan bu äpet keýik sagatda 60 kilometr tizlik bilen ylgap bilýär. Keýikler maşgalasynyň iň kiçi görnüşine bolsa pudu diýilýär.**

Tebigatyň täsin jandarlarynyň biri bolan pudu Amerikada duş gelýär. Haýwanat dünýäsi bilen gyzyklanýanlary haýran galdyrýan girdenek keýigiň boýy bary-ýogy 44 santimetre ýetýär. Agramy 12 kilogramdan geçmeýän bu jandaryň köpüsi Çilidäki we Argentinadaky tropik tokaýlarda hem-de And daglarynda ýaşaýar. Kiçijik keýikler öz arasynda günorta pudu we demirgazyk pudu diýen iki topara bölünýär. Günorta pudu demirgazyk pudusyndan birneme uludyr. Kiçijik keýigiň iki görnüşi hem sany azalyp barýan jandarlaryň hatarynda görkezilýär.

Gysga we inçe aýagy bolan bu jandaryň kiçijik gara gözi bar. Gulagy tegelenip duran pudunyň sütügi gyzylymtyl-goňur reňkde bolýar. Pudunyň erkegi her ýyl ösüp çykyp, güýz aýlarynda ýene-de gaçýan kiçijik şahy bilen tapawutlanýar. Ýagyşly howany halaýan bu jandarlar gyrymsy agaçlaryň ýapragyny, ot we gülleri, agajyň gabygydyr miwelerini iýip, uzak wagtlap suwsuz ýaşap bilýärler.



Pudu örän gorkak jandar bolup, hatda agaçlaryň ýapragynyň şygyrdysyna hem titräp durýar. Pudular gorkan wagty çyňsaýan ýaly ses edýärler.

Pudu ilkinji gezek 1850-nji ýylda iňlis tebigaty öwrenijisi Jon Edward Greý tarapyndan köpçülige mälim edilýär. 1877-nji ýylda keýigiň bu görnüşi täze dünýä sugunlary (capreolinae) maşgalasyna degişli edilýär. Bu jandaryň ady Çiliniň günortasynda ýaşaýan mapuçe halkynyň dilinden alnan mapudungun sözünden gelip çykýar. Kiçijik keýige başgaça «Çili dag geçisi» hem diýilýär.

Haýal hereket edýän kiçijik keýikler ýöräp barýarka wagtal-wagtal sägінip, howanyň ysyny alýar. Ys alyjylygy güýçli bolan girdenek keýikler 8-10 ýyla çenli ýaşaýar. Uly şahly baýguş, And tilkisi we ýabany pişik pudunyň esasy ýagysy hasaplanýar. Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşiginiň (IUCN) maglumatlaryna görä, häzirki wagtda kiçijik keýikleriň sany 10 müňden geçmeýär.

# Akja gümmez, agzy ýok

**● Öý towugynyň 1 ýumurtga öndürmegi üçin 24-25 sagat wagt gerek bolýar.**

**● Öý towugynyň ýumurtgasy tebigy şertde 4-5 gün, sowadyjyda 2 hepde zaýalanman saklanyp bilýär.**

**● Ýumurtganyň gabygynda täze dörän jüýjäniň dem almagyna kömek edýän 7 müňden 17 müňe çenli öýjük bar.**

**● Iň uly ýumurtga düýeguşuň ýumurtgasy bolup, agramy 2 kilograma çenli ýetýär.**

**● Iň kiçi ýumurtga kolibrä degişlidir. Arydan çala ulurak bu guşuň ýumurtgasynyň agramy bary-ýogy ýarym grama deň. Başgaça aýdylanda, yzlygyna uçup bilýän bu guşuň ýumurtgasy noýba ýalyrak bolýar.**

**● Ýumurtganyň düzüminde A, D, E, B12 witaminleri, demir, sink, selen we belok saklanýar. Ýumurtganyň iň peýdaly bölegi sarysy hasaplanýar. Ýumurtganyň agy bolsa diňe belokdyr.**

**● Iň howply ýumurtga Täze Gwineýada ýaşaýan pitohu we ifrita guşlaryna degişlidir. Sebäbi bu guşlaryň ýumurtgasynda zäher saklanýar.**

**● Adatça, öý towugynyň ýumurtgasyndan 18-20 günde jüýje çykýan bolsa, düýeguşuň ýumurtgasyndan jüýje çykmagy üçin 42-46 gün gerek.**

**● Meksikanlar we ýaponlar iň köp ýumurtga iýýän halk bolup, her ýyl adam başyna degişlilikde 368 we 337 ýumurtga düşýär.**

**● Diňe guşlar ýumurtgalamaýar. Pyşdyl, ýylan, zemzen, hažžyk ýaly süýrenijiler, şeýle hem ördekburun, ýehidna ýaly süýdemdirijiler hem köpelmek üçin ýumurtga goýýar.**



# «ŞA ÝOLBARS» – iň köp tomaşa edilýän multfilm

Disneýiň iň gyzykly animasiýalarynyň biri bolan «Şa ýolbars» multfilminiň ilkinjisi 1994-nji ýylda körpejeleriň dykgatyna ýetirilýär. Şekspiriň «Gamlet» tragediýasyndan ylham alnan bu multfilmdäki wakalar Afrikada bolup geçýär. Multfilmde ýaş şazada Simbanyň (ýolbars) başdan geçirenleri we jeňňelde ýaşaýan jandarlaryň durmuşy barada gyzykly wakalar suratlandyrylýar. Simbanyň kakasy – jeňňeliň şasy Mufasa Skaryň gurnan dildüwşigi esasynda gaýadan oklanýar. Skar dogany Mufasanyň heläk bolmagynda kiçijik şazadany günäkärleýär. Simba kakasynyň heläk bolmagynda günäkär hökmünde görkezilip, patyşalykdan uzaklaşdyrylýar. Simba uzaklara gaçyp gidýär. Birnäçe günläp gözlänlerinden soň, Timon (surikat) bilen Pumba (ýekegapan) Simbany tapýar. Şeýlelikde, Simba çagalyk dostlary bilen bilelikde başga jeňňelde ulalýar. «Hiç hili kynçylyk ýok» (Hakuna matata) Timon bilen Pumbanyň şygary bolup, bu jümläni Simba-da öwredýärler.



Birnäçe ýyldan soň Nala (ýolbars) çagalyk dosty Simbany tapýar hem-de oňa Skaryň ýetirýän zyýany barada gürrüň berýär. Simba akyldar maýmyn Rafikiniň hem-de dostlarynyň goldawy bilen doglan ýerine – özüne degişli jeňňele gaýdyp gelýär. Simba wagşy Skar bilen başa-baş tutluşyga girýär. Skar Mufasany öldürendigini boýun alýar we Simbadan ýeňilýär. Şondan soňra Simba kakasynyň tagtyny gaýdyp alyp, jeňňeliň şasy bolýar...

Disneýiň hünärmenleri «Şa ýolbars» animasiýasyny taýýarlamak üçin 3 ýyl sarp edýärler. Kagyza çekilen 1 milliondan gowrak suratyň çalt-çaltdan geçirilmegi (2D) esasynda taýýarlanan bu multfilm häzirki wagta çenli hem öz gymmatyny ýitirmeýär. Hünärmenler multfilme başlamazdan öň Keniýada iki hepdelik saparda bolup, Afrikada ýaşaýan jandarlary ýakyndan öwrenýärler. Bu bolsa multfilmiň has ynandyryjy we özüne çekiji bolmagyna ýardam edýär. Aslynda, Mufasa bilen Skar garyndaş ýolbarslar däl. Hünärmenler wakalary dartgynly we gyzykly görkezmek üçin iki ýolbarsy dogan hökmünde görkezýärler.

Multfilm 5 sany esasy bölümden ybarat bolup, olar «Şa ýolbars» (1994 ý), «Şa ýolbars II: Simbanyň buýsanjy» (1998 ý), «Şa ýolbars 1 ½» (2004 ý) multfilmi, «Şa ýolbars» (2019 ý) asyl animasiýanyň wirtual hakykat esasynda kompýuterde gaýtadan dikeldilen nusgasy we «Mufasa: Şa ýolbars» (2024 ý) filmidir. «Şa ýolbars» multfilmi birnäçe ugur boýunça «Oskar» we «Altyn globus» baýraklaryna mynasyp boldy.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**




**7 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**



# DÜRLI PUDAKLARDA ULANYLÝAN KUWWATLY TEHNIKALAR

**Dünýäde soňky ýyllarda ýeňil we ýük ulaglarynyň, traktorlaryň, uçardyr gämileriň dürli görnüşleri işlenip düzülýär. Adamlaryň islegleriniň ýokarlanmagy, senagat önümçiliginiň ösmegi we dag-magdan känlerinde işleriň köpelmegi bilen has kuwwatly tehnikalara zerurlyk duýulýar. Häzirki wagtda dünýäde göz öňüne getirişimizden hem has çalt gidýän ýeňil ulaglar, ýük göterijiligi aşa kuwwatly bolan ýük ulaglary, ýolsuz ýerlerde we dag eteklerinde dürli işleri ýerine ýetirýän güýçli tehnikalar bar. Gazetimiziň şu sanynda dürli pudaklarda ulanylýan kuwwatly tehnikalar bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**





## Dünýädäki iň uly ekskawator

● «Bagger 293» dünýädäki iň uly gury ýer ulagy hasaplanýar. Germaniýada magdan gazmakda ulanylýan bu zynjyrly tehnikanyň agramy 14 müň 200 tonna barabar. Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen äpet ulagyň uzynlygy 225 metre, beýikligi 96 metre ýetýär. «Bagger 293» ulagynyň işlenilip düzülmeginiň esasy maksady açyk känleri çalt özleşdirmek we az wagtda köp mukdarda kömür gazyp almak bolup durýar. Elektrik çeşmesi bilen işleýän bu tehnika bir günde 240 müň kub metre çenli dag-magdan gazyp çykarýar. Öňünde äpet çarhy bolan we birnäçe krandan düzülen «Bagger 293» 1995-nji ýylda Germaniýanyň TAKRAF kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülýär. Gazyp alan kömrüni aýlanýan lenta bilen ugradyp, ýük ulagynyň üstünden guýýan äpet tehnika häzirki wagtda hem lignit (goňur daşkömür) gazyp almakda peýdalanylýar. «Bagger 293»-den öň dünýädäki iň uly tehnika «Bagger 288» hasaplanýardy. 1978-nji ýylda gurnalan bu ekskawatoryň uzynlygy 220 metre, beýikligi 96 metre, agramy 13 müň 500 tonna ýetýär.

## Dag magdanlaryny daşaýan iň uly ýük ulagy

● Ýerden gazylyp alynýan magdan känlerini daşamakda, ýükleri degişli ýere ugratmakda we ýolsuz ýerlerde gatnawy amala aşyrmakda ýük ulaglarynyň ähmiýeti örän uludyr. Dag-magdan işini wagtynda ýerine ýetirmek üçin bolsa, aşa kuwwatly ulaga zerurlyk duýulýar. Dag-magdan ulgamynda peýdalanmak üçin işlenip düzülen «Belaz 75710» dünýäniň iň uly ýük ulagy hasaplanýar. Äpet ulagy göreniňde onuň hakykydygyna birbada ynanmak hem kyn. 2013-nji ýylda magdan känlerini aşa köp daşamak maksady bilen Belarusuň «BELAZ-HOLDING» kompaniýasy «Belaz 75710» ýük ulagyny işläp düzýär. Ýük ulagynyň agramy 360 tonna barabar bolup, uzynlygy 20,6 metre ýetýär. Beýikligi 8,16 metre, ini 9,87 metre ýetýän äpet ýük ulagynyň 8 sany uly tigiri bar. «Belaz 75710» 496 tonna ýüki göterip bilýär. Bu äpet ulaga iki sany 16 silindrli turbo görnüşli dizel hereketlendirijisi oturdylypdyr. Ýük ulagy 100 kilometr ýol geçmek üçin 1300 litr ýangyç sarp edýär. Äpet ulagyň sagatdaky tizligi 64 kilometre deň.





## Daga dyrmaşýan ekskawator

● Köpler ekskawatory tigirli ýa-da zynjyrly görnüşde göz öňüne getirip, diňe tekiz ýerden ýöräp bilýär diýip pikir edýärler. Emma köwüşli tehnikanyň daga dyrmaşýan görnüşi hem bar. Käbir ýerde dagyň dik eňňitlerinde ýa-da tokaýdyr derýanyň kert kenarynda dürli tehniki işleri ýerine ýetirmeli bolýar. Şolar ýaly ýagdaýda bolsa möýe meňzeş ekskawator peýdalanylýar. Daga dyrmaşýan traktorlary Şweýsariýanyň «Menzi Muck» we Lihtenşteýniň «Kaiser AG» ýaly kompaniýalary işläp çykarýarlar. Häzirki wagtda ýer gazýan traktoryň «spider excavator» (möý traktor) diýlip atlandyrylýan «Menzi Muck» we «S12 Allroad» ýaly modelleri bar. Traktoryň bu görnüşiniň kyn tebigy şertlerde işlemegine mümkinçilik berýän birnäçe gidrawlik aýagy we kabeller ulgamy bar. Dyrmaşýan traktorlar köp ýurtda akabalary arassalamak, geçelgelere inen daşy aýyrmak we beýikde ýerleşýän tokaýlarda gazuw işlerini geçirmek üçin ulanylýar. Ekskawatoryň bu görnüşi aýaklarynyň arasyny açyp, aýaklaryny galdyryp, aýaklaryny uzaldyp ýa-da kiçeldip bilýär.

## Ýolsuz ýerden ýöreýän syýahatçylyk ulagy

● Soňky ýyllarda syýahatçylyk pudagy iň esasy we girdejili ugurlaryň hatarynda öňdeligi eýeleýär. Syýahatçylary talabalaýyk dynç almagy üçin bolsa ähli şertler bilen üpjün etmeli bolýar. ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Liga Siti şäherinde syýahatçylar üçin niýetlenen täze tehnika işlenip düzüldi. Ýolsuz ýerden ýöreýän bu ulaga «Critter Gitters» diýilýär. «High Tech Rednecks» kompaniýasy tarapyndan öndürilen bu ulagyň esasy aýratynlygy islendik ýerde (dagda, çölde, batgalykda, buzlukda) sürüp bolýanlygydyr. Syýahatçylary tokaýda we açyk meýdanda aýlamak hem-de äpet jandarlary ýakyndan synlamak maksady bilen işlenip düzülen bu ulagyň gurluşy ýönekeý bolup, öň tarapynda açyk uzyn oturgyç bar. Kabinasy kiçiräk awtobusa meňzeýän ulagda syýahatçylar üçin niýetlenen birnäçe oturgyç bar. Ýokarsy bassyrma meňzedilip ýasalan ulag suwuň içinden hem arkaýyn geçip gidýär. Ulagyň beýikligi 3,5 metre, uzynlygy 4,2 metre deň. Ulagda janly-jandarlara zeper ýetirmezlik maksady bilen maşynyň golaýyna gelen jandarlary anyklamak üçin sesli datçikler hem ornaşdyrylypdyr.





## Tok öndürýän syýahatçylyk gämisi

● Botswanada üçegi Gün paneli bilen örtülen kiçiräk gaýyk işlenip taýýarlandy. «Pangolin Voyager» atly kiçiräk suw ulagynyň esasy aýratynlygy özüne geregin-den artyk elektrik energiýasyny öndürýändigidir. Gäminiň üçeginde meýdany 200 inedördül metr bolan 80 sany Gün paneli bolup, 22 kWt elektrik energiýasy bilen üpjün edýär. Batareýa we tok bilen işleýän gäminiň sagatdaky tizligi 35 kilometre ýetýär. Gezelenç gämisi Afrikanyň kenarlaryny ýakyndan synlamak maksady bilen işlenip taýýarlanypdyr. Uzynlygy 35 metre, ini 10 metre barabar bolan suw ulagyny Angliýanyň «Rad Propulsion» kompaniýasy öndüripdir. Gezelenç gaýygynda lýuks otaglar, syýahatçylaryň düşüren suratlaryny işlemegi üçin kompýuter otagy ýaly aýratynlyklar bar. Pes tizlikde sessiz hereket edýän gämi ýabany jandarlary hem ürküzmeýär. Bu bolsa, syýahatçylara ýabany tebigaty has ýakyndan synlamaga mümkinçilik berýär.



## 58-nji KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Gün-güzeran üçin zerur bolan serişde, harajat. **6.** Ortasyndaky iki deşikden ýüp, eriş geçirilip, soňra tow berlip, pyrlandyrylyp oýnalýan oýnawaç. **10.** Miwe. **11.** Birligiň bir ýa-da birnäçe deň paýlaryndan ybarat san. **12.** Ýüregi ýuka, şepagatly. **13.** Karib deňziniň günorta-gündogaryndaky ada döwleti. **14.** Üzňe. **16.** Altyn, tylla. **18.** Baglaýjy kömekçi. **21.** «Göwher, ... ýar boýnunda,/ Pelek lerzandyr oýnunda» (Magtymguly Pyragy). **24.** Göz, göreç. **25.** Gazagystanyň pul birligi. **26.** Materik. **27.** Uzyn kirişleri, uly gapyrjagy bolan klawişli saz guraly. **28.** Birine garaşly bolan adam. **29.** «Rehimsiz zalymlar bagry daş bolar,/Barar ýere ... atyjy bolma» (Magtymguly Pyragy). **30.** Deňizde gämini, gaýygy bir ýerde saklamak üçin suwuň düýbüne taşlanýan zynjyr. **31.** Kesekiniň hakyny iýiji, aldaýjy. **32.** Daşary ýurt gyz ady. **33.** Rumyniýanyň ulag zawody. **35.** Ýaşlary bir, deň. **38.** Işi çep eli bilen etmäge endik eden. **42.** Hindistanda bir derýa. **44.** Gaýgysyz , aladasyz. **45.** Ýuka matanyň bir görnüşi. **46.** Isrip bolan. **47.** Ilkinji ynsan. **48.** Burnuň aşagyndaky çukurjyk. **49.** Sazyň we owazyň şertli çyzykly belgisi.

● **DIKLIGINE:** **2.** At-... **3.** Örän güýçli ýagýan ýagyş, jala. **4.** Günüň daşyndan aýlanýan kiçijik asman jisimi. **5.** Totynyň bir görnüşi. **6.** «Başy darak, guýrugy orak» (matal). **7.** «Ýylanyň daşy ýumşak, içi ...» (nakyl). **8.** «... aldyrsa elden köşegin,/Bagryn bozup bozlamaýyn bolarmy?» (Magtymguly Pyragy). **9.** Afrikada bir şäher. **14.** Gereginden agdyk, köp. **15.** Burnuň içini barlamak üçin ulanylýan inçe turbaly gural. **17.** Deň-duş. **19.** Süýji suwda ýaşaýan dünýädäki iň uly balyklaryň biri. **20.** Adama suwuň astynda howadan dem almaga mümkinçilik berýän enjam. **21.** Ýaşamak üçin ýerden gazylyp edilýän küme. **22.** Kaýum Taňrygulyýewiň terjime eden eserleriniň biri «... taýçanak». **23.** Himiki element. **24.** Gujur, başarnyk. **34.** Ýelkenli ýaryşyň bir görnüşi. **36.** Ýurdumyzda çap edilýän gazetleriň biri. **37.** Uly jaý, beýik bina. **39.** Bag-... **40.** Itburna meňzeş miwe. **41.** Mallaryň saklanýan ýeri, agyl. **42.** «Gulagy bar, başy ýok,/Gursagy bar, döşi ýok» (matal). **43.** Maksat-...

**Aýgül RAHMANOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

44-nji skanwordyň jogaby:



56-njy krosswordyň jogaby:



57-nji krosswordyň jogaby:






## 45-nji SKANWORD

**Allamyrat MUHAMMEDOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*




## SÖZ GOÝMAK

**3 HARPLY:** Raý, göl, Äşe, ast, täk;

**4 HARPLY:** Rozo, pada, Adio, Azat, para, käte, otur, Okun, arka, aşyk, Maçu, Osot;

**5 HARPLY:** Nusaý, Oraza, golça, ruçka, tango, andyz, Palau, pökgi, omaça, dinar, Aýnur, omega, kenar, susak, kepek, toner, Ladan, noýba, Etrek, kenek, rondo, inter, erňek, ikara, erkin, Hamid, uçmak, mirap, konus, koala, Sukre, endik, petir, ussat, Ahmet, rastr, äýnek, ownuk;

**6 HARPLY:** Çeňňek, Alpaka, ýorgan, kakapo, Sahara, nogsan, orbita, ýuwluk, meduza, London, akmaýa, ezenek;

**7 HARPLY:** Tegelek, tarakan, günäkär, uçganak, iýermen, Atatürk, aşgazan, tantuni, suwkädi, Bagabat, Bugatti, klarnet, ikatýok, Derbent, ~~Pnompen~~, emeldar;

**8 HARPLY:** Kareliýa, abstrakt.

**Anna ANNAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# «The Best FIFA» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

FIFA tarapyndan berilýän «The Best» baýraklarynyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. Erkekleriň arasynda ýylyň iň gowy futbolçysy baýragyna dalaşgär görkezilen 11 futbolçynyň 4-si Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi PSŽ-niň futbolçylary bolup, olar «Altyn top» baýragyny gazanan Usman Dembele, Aşraf Hakimi, Nunu Mendeş hem-de Witinýa dagydyr. «Barselonadan» hem 3 futbolçy – Pedri, Rafinýa we Lamin Ýamal dalaşgär görkezildi. «Bawariýanyň» iňlis hüjümçisi Harri Keýn bilen «Premier Ligadan» «Liwerpulyň» müsürli ýyldyzy Mohamed Salah hem-de «Çelsiniň» ýaş oýunçysy Koul Palmer «The Best FIFA» baýragyna dalaşgärlige hödürlendi.










Sanawa alnan futbolçylaryň 2024-nji ýylyň 11-nji awgustyndan 2025-nji ýylyň 2-nji awgustyna çenli görkezen başarnyklary göz öňünde tutuldy.

Şeýle-de, erkekleriň arasynda ýylyň iň gowy tälimçisi baýragyna-da 7 hünärmen dalaşgär görkezildi: Arne Slot, Enzo Mareska, Hansi Flik, Robert Martines, Mikel Arteta, Luiz Enrike hem-de Hawier Agirre.

Bulardan başga-da, iň gowy goragçy, iň gowy derwezeçi, iň gowy hüjümçi baýraklarynyň, şol sanda zenanlaryň arasynda-da iň gowy futbolçy, tälimçi, derwezeçi, goragçy, hüjümçi ýaly ugurlaryň dalaşgärleri-de mälim edildi.

**Iň gowy erkek futbolçy baýragynyň dalaşgärleri:**

● Usman Dembele (Fransiýa) — PSŽ, Aşraf Hakimi (Marokko) — PSŽ, Harri Keýn (Angliýa) — «Bawariýa», Kilian Mbappe (Fransiýa) — «Real Madrid», Nunu Mendeş (Portugaliýa) — PSŽ, Koul Palmer (Angliýa) — «Çelsi», Pedri (Ispaniýa) — «Barselona», Rafinýa (Braziliýa) — «Barselona», Mohamed Salah (Müsür) — «Liwerpul», Witinýa (Portugaliýa) — PSŽ, Lamin Ýamal (Ispaniýa) — «Barselona».

**Iň gowy erkek tälimçi baýragynyň dalaşgärleri:**

● Arne Slot (Niderlandlar) — «Liwerpul», Enzo Mareska (Italiýa) — «Çelsi», Hansi Flik (Germaniýa) — «Barselona», Robert Martines (Ispaniýa) — Portugaliýanyň ýygyndysy, Mikel Arteta (Ispaniýa) — «Arsenal», Luiz Enrike (Ispaniýa) — PSŽ, Hawier Agirre (Meksika) — Meksikanyň ýygyndysy.

# Norris öňdeligini saklap gelýär

Formula 1 boýunça möwsümiň 21-nji ýaryşy Braziliýanyň Sao Paulo şäherindäki Interlagoss trassasynda geçirildi. «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris ilkinji hatardan başlan ýaryşynda 71 aýlawy 1 sagat 32 minut 01,596 sekuntda tamamlady. Bu onuň bassyr 2-nji, şu möwsümdäki 7-nji, karýerasy boýunça-da 11-nji ýeňşi boldy. Norris sprint ýaryşynda hem ýeňiji bolup, goşmaça 8 utuk gazandy.



Ýaryşda Norrisden 10,388 sekunt yza galan «Mercedes» toparynyň italiýaly sürüjisi Kimi Antonelli karýerasy boýunça ilkinji gezek 2-nji ýeri eýeledi. Ýeňijiden 10,750 sekunt giç pellehana gelen «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 3-nji orna mynasyp boldy. «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell 4-nji, «McLaren» toparynyň awstraliýaly piloty Oskar Piastri 5-nji orunda ýaryşy tamamlady.

«Ferrari» toparynyň sürüjilerine — Lýuwis Hamilton bilen Şarl Leklere ýaryşy tamamlamak başartmady. Lekler kiçeňräk çaknyşykdan soň 5-nji aýlawda, Hamilton bolsa ulagynda ýüze çykan näsazlyk sebäpli 37-nji aýlawda ýaryşdan çykdy.

Möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, 3 sürüjiniň arasynda çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. Norrisiň 390, Piastriniň 366 hem-de Werstappeniň 341 utugy bar. F1-iň galan 3 ýaryşy yzly-yzyna 3 hepdäniň dowamynda geçiriler. 22-nji ýaryş 22-nji noýabrda ABŞ-nyň Las Wegas şäherinde geçirilse, soňky 2 bäsleşik 30-njy noýabrda Kataryň Lusail şäherinde hem-de 7-nji dekabrda BAE-niň paýtagty Abu-Dabi şäherinde guralar.

# Rybakina möwsümi jemledi

Tennis boýunça zenanlaryň arasyndaky ýylyň jemleýji ýaryşy «WTA Finals» tamamlandy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda geçirilen ýaryşyň finalynda gazagystanly Ýelena Rybakina bilen belarusly Aryna Sabalenka duşuşdy. 26 ýaşyndaky Rybakina güýçli garşydaşyny, sanawyň 1-nji belgili tennisçisi Sabalenkany 2 setde 6:3 we 7:6 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň «WTA Finals»-daky ilkinji, umumylykda bolsa 11-nji çempionlygydyr. Umumy baýrak gaznasy 15,5 million amerikan dollaryna deň bolan ýaryşda Rybakina ýeňlişsiz çempionlyk gazanany üçin 5 million 325 müň amerikan dollary möçberinde pul baýragynyň eýesi boldy.



Sabalenka bolsa, 2022-nji ýyldan soň 2-nji gezek finalda ýeňildi. Jübütleriň arasyndaky bäsleşikde russiýaly Weronika Kudermetowa bilen belgiýaly Eliz Mertens çempionlyk gazanyp, olar finalda wengriýaly Timea Baboş bilen braziliýaly Luisa Stefaniden üstün çykdy. Kudermetowa bilen Mertens 2022-nji ýyldan soň 2-nji gezek ýeňiji boldular.

Sanawyň öňdäki 8 tennisçisiniň gatnaşýan «WTA Finals» ýaryşyna Rybakina 1 aý öň gatnaşmak hukugyna eýe däldi. Ýöne Hytaýyň Ningbo şäherinde gazanylan çempionlyk hem-de 2 ýaryşda ýarym finala çykmagy oňa «WTA Finals»-a gatnaşmagyň gapysyny açdy.

1972-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän bu ýaryşda amerikaly Martina Nawratikowa 8, germaniýaly Şteffi Graf bilen amerikaly Serena Williams 5, amerikaly Kris Ewert 4 gezek çempionlyk gazandy.

# 101-nji kubogy

Gresiýanyň paýtagty Afinyda geçirilen «Hellenic Championship»-de serbiýaly Nowak Jokowiç çempion boldy. Ol finalda italiýaly Lorenzo Musettini 4:6, 6:3, 7:5 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Şeýlelikde, Nowak Jokowiç karýerasy boýunça 101-nji çemionlygyny gazandy. Jokowiç 100 ýaryşdan geçen 3-nji tennisçidir. Bu ugurda Jokowiçden öňde 103 çempionlyk bilen Rojer Federer hem-de 109 çempionlyk gazanan Jimmi Konnors bar. Şeýle-de, Jokowiç 20 ýurtda çempionlyk gazanan ilkinji tennisçi boldy. Jokowiç Niderlandlar, Fransiýa, Awstraliýa, ABŞ, Portugaliýa, Kanada, Awstriýa, Italiýa, Hytaý, BAE, Serbiýa, Şweýsariýa, Ispaniýa, Angliýa, Monako, Katar, Ýaponiýa, Ysraýyl, Gazagystan hem-de Gresiýada geçirilen ýaryşlarda çempionlyklar gazandy.



# Toýotada «Toyota»-lylaryň ýeňşi

**Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 13-nji ýaryşy Ýaponiýanyň Toýota şäherinde geçirildi. 20 tapgyrdan ybarat 305,34 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň sürüjileri ýeňiş münberiniň 3 ornuny hem eýelemegi başardy. Ýaryşy 3 sagat 21 minut 8,9 sekuntda tamamlan fransiýaly Sebastian Ožie («Toyota Gazoo») ýeňiji boldy. Bu onuň şu möwsümdäki 6-njy, karýerasy boýunça-da 67-nji ýeňşidir. Ýeňijiden 11,6 sekunt yza galan «Toyota Gazoo» toparynyň britan piloty Elfin Ewans 2-nji, toparyň fin sürüjisi Sami Paýari bolsa 3-nji orny eýeledi. Çempionlyk üçin göreş alyp barýan finlýandiýaly Kalle Rowanpera 6-njy ýer bilen oňňut etmeli boldy.**



**Çempion Jidda şäherinde belli bolar**

**Şunlukda, Dünýä Ralli çempionatynyň 53-nji möwsüminiň tamamlanmagyna 1 ýaryş galanda, Elfin Ewans 272 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. Ondan 3 utugy az Sebastien Ožie 2-nji ýerde barýar. Çempion bolmak mümkinçiligi azalyp, garşydaşlarynyň görkezjek netijesine bagly bolan Rowanpera 248 utuk bilen 3-nji ýerde barýar. Çempiony kesgitlejek möwsümiň iň soňky, 14-nji ýaryşy 26–29-njy noýabrda Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçiriler.**




**14-nji noýabr (anna)**

- Lýuksemburg – Germaniýa (00:45)
- **Polşa – Niderlandlar (00:45)**
- Horwatiýa – Farer adalary (00:45)

**15-nji noýabr (şenbe)**

- Gazagystan – Belgiýa (19:00)
- Gruziýa – Ispaniýa (22:00)
- Türkiýe – Bolgariýa (22:00)
- Gresiýa – Şotlandiýa (00:45)
- Şweýsariýa – Şwesiýa (00:45)

**16-njy noýabr (ýekşenbe)**

- **Italiýa – Norwegiýa (00:45)**
- Ukraina – Islandiýa (00:45)

**17-nji noýabr (duşenbe)**

- Germaniýa – Slowakiýa (00:45)

**18-nji noýabr (sişenbe)**

- Daniýa – Şotlandiýa (00:45)
- Awstriýa – Bosniýa (00:45)
- Kosowo – Şweýsariýa (00:45)

# «Liwerpul» çempionlykdan daşlaşýar

Angliýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda «Liwerpul» myhmançylykda «Mançester Sitiden» 3–0 hasabynda asgyn geldi. Duşuşygyň gollaryny 13-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan dürs peýdalanyp bilmedik Holann (29), Niko (45+3) hem-de Doku (63) geçirdi. Bu ýeňlişden soň 8-nji orna düşen «Liwerpul» kem-kemden çempionlykdan daşlaşyp barýar. Bu duşuşyk Pep Guardiolanyň tälimçilik karýerasyndaky 1000-nji duşuşygy bolup, ol 716-njy ýeňşini gazandy.





**«Arsenal» 11 oýundan soň ýeňiş gazanyp bilmedi**

● Sanawyň lideri «Arsenal» myhmançylykda «Sanderland» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňşi elden giderdi. 36-njy minutda Ballardyň geçiren goly «Arsenalyň» 8 oýundan soň, 812 minutdan soň geçirden ilkinji goly boldy. Muňa garamazdan «Arsenal» Saka hem-de Trossaryň gollary bilen 2–1 hasabynda öňe geçse-de, 90+4-nji minutda Brobbiniň goly esasynda ýeňşi elden giderdi. Şunlukda, «Arsenalyň» 11 oýunlap (soňky 8-si gol geçirtmezden) dowam eden ýeňişli ýörişi tamamlandy. Londonda «Tottenham» bilen «Mançester Ýunaýtediň» arasyndaky duşuşyk hem çekeleşikli geçip, 90-njy minutdan soň 2 gol derweзä girdi. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda ýer eýelerinden Tel (84) bilen Rişarlison (90+1), myhmanlardan Mbeumo (32) bilen De Ligt (90+6) tapawutlandy. «Çelsi» öz meýdançasynda entek ýeňiş gazanyp görmedik «Wulwerhemptony» 3–0 hasabynda utdy.

# «Bawariýanyň» rekordy Berlinde tamamlandy

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» 16 oýundan soň utuk ýitirdi. Ähli ýaryşlary hasaba alanyňda möwsümiň ilkinji 16 duşuşygynda ýeňiş gazanan münhenlileriň bu statistikasy Berlinde tamamlandy. «Union Berlin» bilen duşuşan «Bawariýa» 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda ýer eýeleriniň 2 goluny hem 27-nji we 83-nji minutlarda Duhi, myhmanlaryň gollaryny bolsa 38-nji minutda Luiz Diaz bilen 90+3-nji minutda Harri Keýn geçirdi. Lewerkuzeniň «Baýeri» öz meýdançasynda iň aşaky orunda barýan «Haýdenhaýmyň» derwezesinden jogapsyz 6 gol girizdi. Gollary Patrik Şik (2), Maza (2), Hofmann bilen Poku geçirdi. «Borussiýa Dortmundyň» «Hamburg» bilen 90+7-nji minutda geçirden golundan soň deňme-deň oýnan tapgyrynda «Leipsig» myhmançylykda «Hoffenhaýmdan» 3-1 hasabynda asgyn geldi.



# Messiniň 400-nji asisti

Argentinaly ýyldyz futbolçy Lionel Messi rekordlaryny täzelemegini dowam edýär. «Inter Maýami» MLS Kubogy ýaryşynyň çäginde Günbatar konferensiýanyň çärýek finalynda «Neşwill» topary bilen duşuşdy. 1-nji oýunda 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Inter Maýami» 2-nji duşuşygynda ýeňildi (2–1). 3-nji duşuşykda 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Inter Maýaminiň» gollarynyň 2-sini Messi, 2-sini hem Allend geçirdi. Şol duşuşykda ilkinji 2 goly salan Messi 4-nji goluň hem pasyny berip, 3 gola gönümel goşant goşdy. Şunlukda, bu asist Lionel Messiniň karýerasyndaky 400-nji asist hökmünde hasaba alyndy. Lionel Messi häzirki wagtda karýerasyny dowam etdirýän futbolçylaryň arasynda iň köp asist eden oýunçydyr. Ol umumylykda wengriýaly meşhur futbolçy Ferenç Puşkaşdan soň 2-nji ýerde barýar (404 asist). Messi ýene-de 4 asist etse, onda ol Puşkaş bilen deňleşer.



Messiniň asistleriniň 269-sy «Barselonada», 37-si «Inter Maýamide», 34-si PSŽ-de, şol sanda 60-sy Argentinanyň milli ýygyndysynda hasaba alyndy.

«Inter Maýami» topary ýarym finalda «Sinsinnati» topary bilen duşuşar.

## PREMIER LEAGUE (11) — 33 gol

**Tottenham—M. Ýunaýted: 2–2** (Tel 84, Rişarlison 90+1 — Mbeumo 32, De Ligt 90+6), **West Ham—Börnli: 3–2** (Wilson 44, Souçek 77, Woker-Piters 87 — Flemming 35, Kallen 90+7), **Ewerton—Fulham: 2–0** (Geýe 45+4, Kin 81), **Sanderland—Arsenal: 2–2** (Ballard 36, Brobbi 90+4 — Saka 54, Trossar 74), **Çelsi—Wulwerhempton: 3–0** (Gusto 51, Žoao Pedro 65, Pedro Netu 73), **Aston Willa—Bornmut: 4–0** (Buendia 28, Onana 40, Barkli 77, Malen 83), **Brentford—Nýukasl: 3–1** (Şade 56, Tiago 78 p, 90+6 — Barns 27), **N. Forest—Lids: 3–1** (Sangare 15, Gibbs-Waýt 68, Anderson 90+1 p — Nmeça 13), **Man. Siti—Liwerpul: 3–0** (Holann 29, Niko 45+3, Doku 63)

## LA LIGA (12) — 20 gol

**Elçe—R. Sosiedad: 1–1** (Rodriges 57 — Oýarzabal 89 p), **Žirona—Alawes: 1–0** (Sygankow 16), **Sewilýa—Osasuna: 1–0** (Wargas 51 p), **Atletiko—Lewante: 3–1** (De la Fuente 12 ö.d., Grizmann 61, 80 — Sançes 21), **Espanýol—Wilýarreal: 0–2** (Moreno 43, Moleýro 57), **Atletik—Owiedo: 1–0** (Niko Williams 25), **R. Wallekano—Real Madrid: 0–0, Walensiýa—Betis: 1–1** (Rioha 82 — Kuço Hernandes 74), **Malýorka—Hetafe: 1–0** (Muriki 14), **Selta—Barselona: 2–4** (Karreýra 11, Iglesias 43 — Lewandowski 10 p, 37, 73, Ýamal 45+4)

## SERIE A (11) — 18 gol

**Pisa—Kremoneze: 1–0** (Idrissa Ture 75), **Komo—Kaliari: 0–0, Leççe—Werona: 0–0, Ýuwentus—Torino: 0–0, Parma—Milan: 2–2** (Bernabe 45+1, Delprato 62 — Salemakers 12, Leao 25 p), **Atalanta—Sassuolo: 0–3** (Berardi 29 p, 66, Pinamonti 47), **Bolonýa—Napoli: 2–0** (Dallinga 50, Lukumi 66), **Jenoa—Fiorentina: 2–2** (Estigor 15, Kolombo 60 — Gudmundsson 20 p, Pikkoli 57), **Roma—Udineze: 2–0** (Pellegrini 42 p, Çelik 61), **Inter—Lasio: 2-0** (Lautara Martines 3, Bonni 62)

## BUNDESLIGA (10) — 32 gol

**Werder—Wolfsburg: 2–1** (Stage 83, Mbangula 90+4 — Swanberg 28), **Hoffenhaým—Leipsig: 3–1** (Haýdari 20, Lemperle 38, Prýomel 79 — Diomande 9), **Union Berlin—Bawariýa: 2–2** (Duhi 27, 83 — Diaz 38, Keýn 90+3), **Hamburg—Borussiýa D: 1–1** (Kenigsderffer 90+7 — Çukwuemeka 64), **Baýer—Haýdenhaým: 6–0** (Şik 2, 22, Hofmann 16, Poku 27, Maza 45+1, 53), **Borussiýa M—Köln: 3–1** (Sander 45+2, Diks 61 p, Tabakowiç 64 — Waldşmidt 90+2), **Fraýburg—Sankt-Pauli: 2–1** (Suzuki 40, Eggeşteýn 50 — Oppi 69), **Ştutgart—Augsburg: 3–2** (Mittelştadt 18 p, Undaw 39, 80 — Rider 8, Massengo 26), **Aýntraht—Maýns: 1–0** (Doan 81)

## LIGUE 1 (12) — 25 gol

**Pariž—Renn: 0–1** (Embolo 81), **Marsel—Brest: 3–0** (Gomes 25, Grinwud 33 p, Obameýang 82), **Le Hawr—Nant: 1–1** (Lýoris 90+5 — Ablin 4), **Monako—Lans: 1–4** (Balogan 37 p — Eduar 21, Said 40, 60, Sangare 45+3), **Loriýan—Tuluza: 1–1** (Paži 44 p — Sidibe 65 p), **Strasbur—Lill: 2–0** (Emegha 33, 62), **Mets – Nissa: 2–1** (Eýn 53 p, Diallo 84 — Şo 35), **Anže—Oser: 2–0** (Akpa 71 ö.d., Piter 87), **Lion—PSŽ: 2–3** (Moreýra 30, Maýtland-Naýls 50 — Zair-Emeri 26, Kwarasheliýa 33, Neweş 90+5)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 11 | 8 | 2 | 1 | 20-5 | 26 |
| 2 | MAN. SITI | 11 | 7 | 1 | 3 | 23-8 | 22 |
| 3 | ÇELSI | 11 | 6 | 2 | 3 | 21-11 | 20 |
| 4 | SANDERLAND | 11 | 5 | 4 | 2 | 14-10 | 19 |
| 5 | TOTTENHAM | 11 | 5 | 3 | 3 | 19-10 | 18 |
| 6 | ASTON WILLA | 11 | 5 | 3 | 3 | 13-10 | 18 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 11 | 5 | 3 | 3 | 19-18 | 18 |
| 8 | LIWERPUL | 11 | 6 | 0 | 5 | 18-17 | 18 |
| 9 | BORNMUT | 11 | 5 | 3 | 3 | 17-18 | 18 |
| 10 | KRISTAL PALAS | 11 | 4 | 5 | 2 | 14-9 | 17 |
| 11 | BRAÝTON | 11 | 4 | 4 | 3 | 17-15 | 16 |
| 12 | BRENTFORD | 11 | 5 | 1 | 5 | 17-17 | 16 |
| 13 | EWERTON | 11 | 4 | 3 | 4 | 12-13 | 15 |
| 14 | NÝUKASL | 11 | 3 | 3 | 5 | 11-14 | 12 |
| 15 | FULHAM | 11 | 3 | 2 | 6 | 12-16 | 11 |
| 16 | LIDS | 11 | 3 | 2 | 6 | 10-20 | 11 |
| 17 | BÖRNLI | 11 | 3 | 1 | 7 | 14-22 | 10 |
| 18 | WEST HAM | 11 | 3 | 1 | 7 | 13-23 | 10 |
| 19 | N. FOREST | 11 | 2 | 3 | 6 | 10-20 | 9 |
| 20 | W. HEMPTON | 11 | 0 | 2 | 9 | 7-25 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 14 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 8 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 6 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 6 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 12 | 10 | 1 | 1 | 26-10 | 31 |
| 2 | BARSELONA | 12 | 9 | 1 | 2 | 32-15 | 28 |
| 3 | WILÝARREAL | 12 | 8 | 2 | 2 | 24-10 | 26 |
| 4 | ATLETIKO M | 12 | 7 | 4 | 1 | 24-11 | 25 |
| 5 | BETIS | 12 | 5 | 5 | 2 | 19-13 | 20 |
| 6 | ESPANÝOL | 12 | 5 | 3 | 4 | 15-15 | 18 |
| 7 | HETAFE | 12 | 5 | 2 | 5 | 12-14 | 17 |
| 8 | ATLETIK B | 12 | 5 | 2 | 5 | 12-13 | 17 |
| 9 | SEWILÝA | 12 | 5 | 1 | 6 | 18-19 | 16 |
| 10 | ALAWES | 12 | 4 | 3 | 5 | 11-11 | 15 |
| 11 | ELÇE | 12 | 3 | 6 | 3 | 13-14 | 15 |
| 12 | R. WALLEKANO | 12 | 4 | 3 | 5 | 12-14 | 15 |
| 13 | SELTA | 12 | 2 | 7 | 3 | 15-18 | 13 |
| 14 | R. SOSIEDAD | 12 | 3 | 4 | 5 | 14-17 | 13 |
| 15 | MALÝORKA | 12 | 3 | 3 | 6 | 12-18 | 12 |
| 16 | OSASUNA | 12 | 3 | 2 | 7 | 9-13 | 11 |
| 17 | ŽIRONA | 12 | 2 | 4 | 6 | 11-24 | 10 |
| 18 | WALENSIÝA | 12 | 2 | 4 | 6 | 11-21 | 10 |
| 19 | LEWANTE | 12 | 2 | 3 | 7 | 16-23 | 9 |
| 20 | OWIEDO | 12 | 2 | 2 | 8 | 7-20 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 13 |
| 2 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 7 |
| 3 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 7 |
| 4 | Etta EÝONG (Lewante) | 6 |
| 5 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 6 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 11 | 8 | 0 | 3 | 26-12 | 24 |
| 2 | ROMA | 11 | 8 | 0 | 3 | 12-5 | 24 |
| 3 | MILAN | 11 | 6 | 4 | 1 | 17-9 | 22 |
| 4 | NAPOLI | 11 | 7 | 1 | 3 | 16-10 | 22 |
| 5 | BOLONÝA | 11 | 6 | 3 | 2 | 18-8 | 21 |
| 6 | ÝUWENTUS | 11 | 5 | 4 | 2 | 14-10 | 19 |
| 7 | KOMO | 11 | 4 | 6 | 1 | 12-6 | 18 |
| 8 | SASSUOLO | 11 | 5 | 1 | 5 | 14-12 | 16 |
| 9 | LASIO | 11 | 4 | 3 | 4 | 13-9 | 15 |
| 10 | UDINEZE | 11 | 4 | 3 | 4 | 12-17 | 15 |
| 11 | KREMONEZE | 11 | 3 | 5 | 3 | 12-13 | 14 |
| 12 | TORINO | 11 | 3 | 5 | 3 | 10-16 | 14 |
| 13 | ATALANTA | 11 | 2 | 7 | 2 | 13-11 | 13 |
| 14 | KALIARI | 11 | 2 | 4 | 5 | 9-14 | 10 |
| 15 | LEÇÇE | 11 | 2 | 4 | 5 | 8-14 | 10 |
| 16 | PISA | 11 | 1 | 6 | 4 | 8-14 | 9 |
| 17 | PARMA | 11 | 1 | 5 | 5 | 7-14 | 8 |
| 18 | JENOA | 11 | 1 | 4 | 6 | 8-16 | 7 |
| 19 | WERONA | 11 | 0 | 6 | 5 | 6-16 | 6 |
| 20 | FIORENTINA | 11 | 0 | 5 | 6 | 9-18 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 5 |
| 2 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 5 |
| 3 | Niko PAS (Komo) | 4 |
| 4 | Kewin DE BRUÝNE (Napoli) | 4 |
| 5 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 4 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 10 | 9 | 1 | 0 | 35-6 | 28 |
| 2 | LEIPSIG | 10 | 7 | 1 | 2 | 20-13 | 22 |
| 3 | BORUSSIÝA D | 10 | 6 | 3 | 1 | 16-7 | 21 |
| 4 | ŞTUTGART | 10 | 7 | 0 | 3 | 17-12 | 21 |
| 5 | BAÝER | 10 | 6 | 2 | 2 | 24-14 | 20 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 10 | 6 | 1 | 3 | 21-16 | 19 |
| 7 | AÝNTRAHT | 10 | 5 | 2 | 3 | 23-19 | 17 |
| 8 | WERDER | 10 | 4 | 3 | 3 | 15-18 | 15 |
| 9 | KÖLN | 10 | 4 | 2 | 4 | 17-15 | 14 |
| 10 | FRAÝBURG | 10 | 3 | 4 | 3 | 13-14 | 13 |
| 11 | UNION BERLIN | 10 | 3 | 3 | 4 | 13-17 | 12 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 10 | 2 | 3 | 5 | 13-19 | 9 |
| 13 | HAMBURG | 10 | 2 | 3 | 5 | 9-16 | 9 |
| 14 | WOLFSBURG | 10 | 2 | 2 | 6 | 12-18 | 8 |
| 15 | AUGSBURG | 10 | 2 | 1 | 7 | 14-24 | 7 |
| 16 | SANKT-PAULI | 10 | 2 | 1 | 7 | 9-20 | 7 |
| 17 | MAÝNS | 10 | 1 | 2 | 7 | 10-18 | 5 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 10 | 1 | 2 | 7 | 8-23 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 13 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 6 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 6 |
| 4 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 6 |
| 5 | Jan UZUN (Aýntraht) | 5 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 12 | 8 | 3 | 1 | 24-11 | 27 |
| 2 | MARSEL | 12 | 8 | 1 | 3 | 28-11 | 25 |
| 3 | LANS | 12 | 8 | 1 | 3 | 21-11 | 25 |
| 4 | STRASBUR | 12 | 7 | 1 | 4 | 24-16 | 22 |
| 5 | LILL | 12 | 6 | 2 | 4 | 23-15 | 20 |
| 6 | MONAKO | 12 | 6 | 2 | 4 | 24-21 | 20 |
| 7 | LION | 12 | 6 | 2 | 4 | 18-15 | 20 |
| 8 | RENN | 12 | 4 | 6 | 2 | 19-17 | 18 |
| 9 | NISSA | 12 | 5 | 2 | 5 | 17-18 | 17 |
| 10 | TULUZA | 12 | 4 | 4 | 4 | 18-16 | 16 |
| 11 | PARIŽ | 12 | 4 | 2 | 6 | 18-21 | 14 |
| 12 | LE HAWR | 12 | 3 | 5 | 4 | 13-17 | 14 |
| 13 | ANŽE | 12 | 3 | 4 | 5 | 10-15 | 13 |
| 14 | METS | 12 | 3 | 2 | 7 | 12-27 | 11 |
| 15 | BREST | 12 | 2 | 4 | 6 | 14-21 | 10 |
| 16 | NANT | 12 | 2 | 4 | 6 | 11-18 | 10 |
| 17 | LORIÝAN | 12 | 2 | 4 | 6 | 14-26 | 10 |
| 18 | OSER | 12 | 2 | 1 | 9 | 7-19 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 9 |
| 2 | Esteban LEPOL (Renn) | 8 |
| 3 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 8 |
| 4 | Sofiýan DIOP (Nissa) | 6 |
| 5 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 5 |

# «Serie A»-da 17 duşuşyk golsuz geçdi

**Italiýanyň çempionatynda** 3-si golsuz 5 duşuşyk deňlikde tamamlandy. Şu möwsümdäki geçirilen 110 duşuşygyň 17-sinde hasap açylmady. Bu görkeziji beýleki çempionatlar bilen deňeşdirilende, ep-esli köpdür. Çempion «Napoli» myhmançylykda «Bolonýadan» Dallinganyň we Lukuminiň gollary esasynda 2–0 hasabynda asgyn geldi. «Inter» hem Lautara Martinesiň hem-de Bonniniň gollary esasynda şol hasap bilen «Lasiony» utdy. Rimdäki oýunda hem şol netije hasaba alnyp, «Roma» topary «Udinezeden» üstün çykdy. Duşuşykda paýtagtlylaryň gollaryny Pellegrini bilen Zeki Çelik geçirdi. «Milan» myhmançylykda «Parma» bilen duşuşyp, 2-0 hasabynda öňe geçendigine garamazdan, üstünligini saklamak olara başartmady (2–2). «Ýuwentus» bilen «Torino» toparlarynyň arasyndaky Turin derbisinde hasap açylmady. Liganyň 2 täze wekiliniň arasyndaky oýunda «Pisa» topary «Kremonezeni» Idrissa Tureniň 75-nji minutda geçiren goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Bu Alberto Jilardinonyň tälimçiligindäki toparyň şu möwsümdäki, şol bir wagtyň özünde-de «Serie A»-da 34 ýyldan soň gazanan ilkinji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.



**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madride» myhmançylykda «Raýo Wallekanonyň» derwezesinden gol geçirmek başartmady. Golsuz tamamlanan oýun «Realyň» şu möwsümde deňlikde gutaran ilkinji duşuşygy boldy. Çempion «Barselona» myhmançylykda «Seltany» 4–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Robert Lewandowski 3 gol geçirip, het-trik etdi. Katalonlaryň beýleki goluny bolsa Lamin Ýamal öz adyna ýazdyrdy. Myhmançylykda «Espanýoly» Moreno hem-de Moleýronyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Wilýarreal» 3-nji ýerdäki ornuny saklamagyny dowam edýär. Antuan Grizmannyň 2 gezek tapawutlanan oýnunda «Atletiko» öz meýdançasynda «Lewanteni» 3–1 hasabynda ýeňdi.



**Fransiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda PSŽ myhmançylykda «Liondan» 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda 3–2 hasabynda üstün çykdy. «Liondan» Moreýra bilen Maýtland-Naýlsyň gollaryna garşylyk parižlileriň gollaryny Zair-Emeri, Kwarasheliýa hem-de Neweş öz atlaryna ýazdyrdylar. «Marseliň» öz meýdançasynda «Brest» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçiren tapgyrynda «Lans» myhmançylykda «Monakony» 4–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Monako» 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnady.





Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Ýewropada soňky çärýek asyryň çempionlary

**Dünýäde millionlarça muşdagy özüne bendi edýän futbol oýnunyň taryhy 200 ýyla golaýlap barýar. Ähli babatda-da soňky çärýek asyrda has-da üýtgän futbol oýnunda her ýurduň milli çempionaty, kubok ýaryşlary, şol sanda yklymlaryň hersinde azyndan 3 sany halkara bäsleşikler geçirilýär. Her ýurduň iň uly ýaryşy bolan milli çempionatlar 19-njy asyryň ahyrlaryndan bäri geçirilip gelinýär. Taktika, maliýe, oýnaýyş stili babatda, futbola garaýşyň üýtgeýän döwründe XXI asyrda çempionlyk gazanmak käbir klublar üçin juda ýeňil bolsa, käbirleri üçin mümkin däl zada öwrüldi.**

**Futbolyň iň öňdebaryjy yklymy bolan Ýewropada soňky 25 ýylda, ýagny soňky çärýek asyrda näçe topar, şol sanda, haýsy toparlar çempionlyk gazandy? Tutuş yklymy hasaba alanyňda, diňe 2 klubuň gezekleşip ýa-da wagtal-wagtal 1 klubuň yzygiderlilikde çempionlyk gazanan ligalarynyň bolşy ýaly, milleniumdan soň 7-8, hatda 10 toparyň çempionlyk gazanan çempionatlary hem bar. Umumylykda, soňky 25 ýylda iň köp çempionlyk gazanan topar yklymyň iň kiçi ýurtlarynyň biri hasaplanýan Gibraltaryň "Linkoln Red Imps" topary bolup, olar 25 ýylda 22 çempionlyk gazanýar. Moldowanyň "Şerif" topary soňky 2 ýylda başga klublardan yzda galsa-da 25 möwsümiň 21-inde çempion bolýar. "Olimpiakos", "Seltik", "Dinamo Zagreb" 19 hem-de "Bawariýa" 18 gezek çempionlyga ýetýär.**

### Mançester we London şäherleri

Ilki bilen öňdebaryjy 5 ýurda seredenimizde, Angliýanyň «Premier Ligasynda» soňky 25 möwsümde çempionlyk gazanan toparlaryň sany 6-a deňdir. Şol 25 çempionlygyň 15-sini Mançester şäheriniň wekilleri paýlaşyp, «Ýunaýted» 8, «Siti» 7 gezek birinjiligi eýeledi. «Mançester Siti» iňlis futbolynyň taryhynda yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanan ilkinji klub boldy. Galan 10 çempionlygyň 5-si «Çelsi» toparyna degişli bolsa, häzirki ýeňiji «Liwerpul» bilen soňky gezek 23 ýyl öň birinjiligi eýelän «Arsenalyň» 2 çempionlygy bar. Ýene bir çempionlyk bolsa taryhy ýeňiş gazanan «Lester Siti» klubuna degişlidir.

### «Barselona» ýa-da «Real», belki «Atletiko»

Iki klubuň özara bäsleşigine öwrülen Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» soňky 25 möwsümde diňe 4 topara çempion bolmak başartdy. Çempionlygyň 21-si «Barselona» bilen «Real Madride» degişli bolup, katalonlar 12, madridliler 9 gezek ýeňiş gazandy. Täze asyryň ilkinji ýyllarynda 2 çempionlyk gazanan «Walensiýanyň» hataryna «Atletiko» hem 2 çempionlyk bilen öz goşandyny goşýar.

### «Ýuwentusdan» soň «Inter» bar

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da täze asyryň ilkinji möwsüminde paýtagtyň «Roma» topary çempionlyk gazanan hem bolsa, soňlugy bilen «Ýuwentus» jylawy ele alýar. «Ýuwentusyň» şol döwürde 1 çempionlygy elinden alnyp, aşaky liga düşürilse-de, 9-sy yzly-yzyna jemi 11 gezek çempionlyk gazanýar. 5 möwsümden bäri çempionlygyň daşynda galýan «Ýuwentusa» iň golaýlan topar «Interdir». Umumy çempionlyklarynyň sany boýunça şäherdeşi hem bäsdeşi «Milandan» öňe geçen «Inter» 5-si yzly-yzyna jemi 7 gezek çempion diýen ady eýeleýär. Umumylykda, «Serie A»-da soňky 25 ýylda 5 topar çempion bolup, ýokarda ady agzalan 3 kluba «Milan» (3) bilen ençeme ýyldan soň «Skudettony» eýelän «Napoli» (2) toparlary-da goşulýar.

### «Bawariýanyň» «Bundesligasy»

«Bawariýa» toparynyň «şahsy» çempionatyna öwrülen Germaniýanyň «Bundesligasynda» münhenliler soňky 13 ýylda 12 çempionlyk gazansa-da, bu ligada täze asyrda 6 kluba möwsümi çür depede tamamlamak miýesser edýär. 25 möwsümiň 18-sinde çempionlyk



«Bawariýa» toparyna degişli bolup, Dortmundyň «Borussiýasy» 3 gezek ara goşulmagy başarýar. «Werder», «Ştutgart», «Wolfsburg» ýaly ilkinji 10 ýyllykda taryhy çempionlyklar gazanan 3 toparyň hataryna 2024-nji ýylda Lewerkuzeniň «Baýeri» hem adyny ýazdyrýar.

### Ilki «Lion», soňra PSŽ

Soňky ýyllarda PSŽ-niň agdyklyk edýän çempionatyna öwrülen Fransiýanyň «Ligue 1»-i yklymyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň arasynda iň köp kluby çempionlyk gazanan ýurt bolýar. 8 klubuň çempionlyk gazanan çempionatynda 2000-nji ýyllaryň başynda «Lion» topary bassyr 7 gezek ýeňiş gazanyp, TOP 5 çempionatda yzly-yzyna şeýle başarnyk görkezen ilkinji topar hökmünde hasaba alynýar. Katarlylaryň satyn almagyndan soň çempionlygy 2 gezek başga toparlara aldyran PSŽ 11 gezek «Ligue 1»-i iň ýokarky orunda tamamlaýar. «Lill» 2, «Nant», häzirki wagtda aşaky ligalarda bolan «Bordo», geçen möwsüm 2-nji liga düşen «Monpelie», şeýle-de «Marsel» bilen «Monako» toparlary-da 1 gezek çempionlyk gazanýar.

### Diňe 2 klub bar ýaly ...

Beýleki çempionatlara seredenimizde, soňky 25 ýylda iň az kluby çempionlyk gazanan 3 sany ýurt öňe saýlanýar. Şotlandiýadyr Ukrainada hem-de Serbiýada çärýek asyrda diňe 2 kluba çempionlyk gazanmak başardýar. Şotlandiýada Glazgo şäheriniň 2 meşhur topary «Reýnjers» bilen «Seltigiň» bilelikde gazanan çempionlyklary umumylykda 110-a deňdir. Ýagny hersiniň 55 çempionlygy bolup, «Seltik» şolaryň 19-syny soňky 25 ýylda gazanyp, «Reýnjersiň» yzyndan ýetýär. 2010-njy ýyldan soň 4 möwsümi maliýe ýetmezçiligi sebäpli aşaky ligalarda geçirmeli bolan «Reýnjers» topary milleniumdan soň 6 gezek çempion adyny alýar.

Ukrainanyň çempionatynda-da diňe 2 klub bar diýsek öte geçdigimiz bolmaz – Doneskiň «Şahtýory» hem-de Kiýewiň «Dinamosy». Çärýek asyrda «Şahtýor» dürli ýyllarda yzly-yzyna 3, 4 hatda 5 gezek çempion bolýar we olaryň 16 çempionlygy bar. Diňe 2 gezek çempionlygyny goramagy başaran «Dinamo» bolsa galan 9 möwsümde çempionaty 1-nji orunda tamamlaýar.

Çempionlygyň diňe 2 toparyň arasynda gezekleşip paýlaşylýan ýene bir çempionaty hem Serbiýanyň «Super Ligasydyr». Bu çempionatda diňe paýtagt Belgradyň «Srwena Zwezda» ýa-da «Partizan» topary çempion bolýar. 2007-2013-nji ýyllar aralygynda bassyr 6 gezek çempion bolan «Partizan» soňky 8 möwsümden bäri çempionlygy gadymy bäsdeşi «Srwena Zwezda» toparyna aldyryp gelýär. Umuman, soňky çärýek asyrda «Srwena Zwezda» 14, «Partizan» 11 gezek çempionlyk gazanýar. Umumylykda öňki-soňky döwürleri hasaplanyňda, «Srwena Zwezdanyň» 36, «Partizanyň» 27 çempionlygy bar.



### 4 ýa-da 5 klub

Portugaliýada soňky 25 ýylda 4 topar çempion bolýar. «Porto» 12, «Benfika» 8, soňky 5 ýylda 3 gezek ýeňiji bolan «Sporting» 4 çempionlyk gazanýar. Bu 3 läheňiň hataryna milleniumyň ilkinji möwsüminde, ýagny 2001-nji ýylda «Boawişta» toparyna hem girmek başardýar. Umuman alanyňda hem Portugaliýanyň çempionatynyň taryhynda şu wagta çenli diňe 5 klub çempionlyk gazanýar. Ýokarda ady agzalan 4 topardan başga «Belenenseş» topary 1945/46 möwsüminde çempion bolupdy.

Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie»-de hem çempion bolan klublaryň sany o diýen köp däl. Esasy 2 klubuň bäsdeşlik edýän çempionatynda soňky çärýek asyrda 5 klub çempion bolýar. 24 çempionlygyň 11-si PSW toparyna degişli bolsa, 9-sy «Aýaks» toparynyň paýyna düşýär. Pandemiýa sebäpli 2019/20 möwsümi ýatyrylan çempionatda ýurduň iň uly 3-nji kluby «Feýenoord» soňky 25 ýylda 2 gezek çempion bolýar. AZ bilen «Twente» toparlary-da ilkinji 10 ýyllygyň soňky 2 möwsüminde 1 gezek şol arzyly sepgite ýetmegi başarýar.

Russiýanyň çempionatynda soňky ýyllarda «Zenit» toparynyň hökmürowanlygy bar hem bolsa, Moskwa şäheriniň wekilleri esasy bäsdeşini hemişe biynjalyk edip durýarlar. Soňky 25 ýylda «Zenit» 10, SSKA 6, «Lokomotiw» 3, «Rubin» bilen «Spartak» 2 hem-de taryhynda ilkinji gezek «Krasnodar» topary 1 gezek çempionlyk kubogyny asmana göterýär.

Esasy 4 klubuň ýaryşy hasaplanýan Türkiýäniň çempionatynda-da soňky 25 ýylda uly täzelikler bolýar. Ilkinji gezek 4 uly topardan başga klublar hem çempionlyk gazanýar. Soňky çärýek asyrda «Galatasaraý» 11, 2014-nji ýyldan bäri ýeňiş gazanyp görmedik «Fenerbahçe» 6, «Beşiktaş» 5, «Trabzonspor», şol sanda ilkinji çempionlyklaryny baýram eden «Bursaspor» bilen «Istanbul Başakşehir» toparlary-da 1 gezek altyn medalyň eýesi bolýar.

Çehiýada paýtagt Praganyň «Sparta» (8) hem-de «Slawiýa» (7) klublarynyň çempionlyklarynyň arasyna Plzen şäheriniň «Wiktoriýa» topary 6, Liberes şäheriniň wekili «Slowan» 3, Ostrawanyň «Banik» topary-da 1 gezek goşulmagy başarýar. Mahlasy, soňky çärýek asyr 5 topar çempionlyklary özara paýlaşýar.

Esasan 2, soňky ýyllarda bolsa diňe 1 klubuň çempionatyna öwrülen Gresiýada «Olimpiakosyň» hökmürowanlygy mese-mälim duýulýar. Çempionatyň taryhynda 46 gezek çempionlyk gazanan pireýliler şolaryň 19-syna soňky 25 ýylda ýetýär. «Olimpiakosyň» şol 19 çempionlygynyň arasynda «Panatinaikos», AEK bilenem PAOK toparlary 2 gezek goşulyp, ýurduň iň uly klubunyň has-da ulalmagyna päsgel berýärler.

Awstriýada soňky 25 ýylda jemi 14 (2014-2023-nji ýyllar aralygynda bassyr 10) gezek çempionlyk gazanan «Red Bull Salsburg» öňdeligi eýeleýän hem bolsa, beýleki şäherleriň wekilleri-de ara goşulyp, deň agramlylygy saklaýar. Awstriýanyň «Bundesligasynda» degişli döwürde 6 klub çempionlyk gazanýar. «Şturm» (Gras) bilen «Austria» (Wena) 3, «Tirol» (Innsbruk) bilen «Rapid» (Wena) hem-de «Grazer AK» (Gras) 1 gezek çempion bolýar. Awstriýanyň goňşusy Şweýsariýanyň «Swiss Super Ligasynda» 2000-nji ýyldan bäri çempion bolan toparlaryň sany bir eliň barmaklarynyň sanyna hem ýetenok 2000-nji ýyllaryň 2-nji onlugyna yzly-yzyna 8 çempionlyk sygdyran «Bazel» 13, soňky ýyllarda tijenip başlan «Ýang Boýz» 6, wagtal-wagtal ara goşulýan «Sürih» 4 hem-de täze asyryň başlarynda «Grashopper» 2 gezek çempion adyny alýar.

Horwatiýanyň çempionaty «Hrvatska nogometna ligada» paýtagt Zagrebiň «Dinamo» topary soňky 20 ýylda tasdanam 20 çempionlyk gazanýardy. Bassyr 11 çempionlykdan soň 2017-nji ýylda hem-de ýene yzly-yzyna 7 çempionlykdan soň şu möwsüm «Riýeka» topary onuň yzygiderlilikde 20 çempionlyk gazanmagyna päsgel berýär. 2000-nji ýyllaryň başynda «Haýduk Split» 3, şol sanda «NK Zagreb» topary-da 1 gezek çempion bolýar.

Belgiýanyň çempionatynda soňky 25 ýylda 7 klub çempion diýen derejäniň eýesi bolýar. Çempionlyk ugrunda esasy göreş «Anderleht» bilen «Klub Brýugge» toparlarynyň arasynda geçip, olaryň birinjisi 9, ikinjisi 8 gezek ýeňiş gazanýar. Soňky çärýek asyrda «Genk» 3, «Standard Liež» 2, «Gent», «Antwerpen» hem-de 90 ýyldan soň «Ýunion Sent-Žilluaz» toparlary 1 gezek çempion bolýar.

Polşanyň çempionaty «Ekstraklasa»-da Warşawa bilen Krakow şäherleriniň wekilleri «Legiýa» hem-de «Wisla» çempionlyk sany babatda öňde barýar. «Legiýanyň» 9, «Wislanyň» 7 çempionlygy bolup, «Leh Poznan» topary-da 4 gezek çempion bolýar. Jemi 8 klubuň çempionlyk gazanan çempionatynda soňky 6 ýylda 3 sany täze çempion ýüze çykýar. Ýokarda ady agzalan 3 klubuň hataryna «Şlask» (Wroslaw), «Zaglembýe» (Lunin), «Pýast» (Gliwise), «Rakuw» (Çenstohowa) hem-de «Ýagelloniýa» (Belostok) toparlary 1 gezek çempionlykdan paý alýarlar. Wengriýanyň çempionaty «Nemzeti Bajnoksag I»-de soňky 25 ýylda «Ferenswaroşyň» 10, «Debreseni» toparynyň 7, «Feherwar» toparynyň 3, MTK toparynyň 2, «Zalaegerseg», «Gýor», «Honwed» toparlarynyň hem 1 çempionlygy bar. Rumyniýanyň çempionaty «Superligada» soňky çärýek asyrda 9 çempion çykýar. Ozalky ady «Stýaua» bolan paýtagt Buharestiň FKSB topary 8, Kluž şäheriniň wekili «KFR Kluž» topary-da şonça gezek çempion bolýar. Paýtagtyň «Dinamo» topary täze asyryň başlarynda 3 çempionlyk gazanýar. «Astra Jurju», «Wiitorul Konstansa» (soň «Farul Konstansa» bilen birleşýär), «Oselul Galasi», «Rapid Buharest», «Unirea Urziçeni», «Farul Konstansa» toparlary 1 gezek çempion bolýar. Bolgariýada soňky 14 ýyldan bäri Razgrad şäheriniň «Ludogores» topar çempionlygy hiç bir topara aldyrman gelýär. Ondan öňki 11 ýylda bolsa paýtagt Sofiýanyň «Lewski» we SSKA toparlary degişlilikde, 5 hem-de 3, şol sanda «Liteks» 2, Plowdiw şäheriniň «Lokomotiwi» hem 1 sapar çempionlyk gazanýar.

### Iň köp klubuň çempion bolan ýurdy

Soňky 25 ýylda iň köp klubuň çempionlyk gazanan ýurdy Şwesiýanyň çempionaty «Allsvenskan» ligasydyr. Ýaňy-ýakynda täze çempionyň peýda bolan çempionatynda soňky çärýek asyrda 11 klub çempionlyk gazanýar. 25 çempionlygyň 10-sy «Malmö» toparyna degişli bolsa-da, «Ýurgorden» 4, AIK bilen «Elfsborg» 2 gezek çempionlyk derejesine ýetýär. 7 klub soňky çärýek asyrda 1 gezek çempion bolup, olaryň 4-si ilkinji sapar çempionlygyny baýram edýär («Nörrkoping», «Gýoteborg», «Hammarbi», «BK Haken», «Kalmar», «Mýallbýu»).

Şwesiýanyň goňşusy Norwegiýanyň çempionaty «Eliteserien»-de «Rosenbirg» köpüsi 2000-nji ýyllaryň başlarynda jemi 11 gezek çempion bolýar. «Molde» 5, soňky ýyllarda öňe saýlanýan «Bude-Glimt» 4 gezek ýeňiş gazanýar. «Walerenga», «Brann», «Stabek», «Stromsgodset» klublary-da 1 gezek çempion bolýar. Finlýandiýanyň çempionaty «Veikkausliiga»-da paýtagt Helsinkiniň HIK topary 25 çempionlygyň 15-sini gazanýar. Soňky 2 ýylyň ýeňijisi «KuPS», şol sanda «TamU» 3, şeýle-de «Haka», «MyPa», «Inter Turku», SJK, IFK toparlary-da 1 gezek çempion adyny alýar. Daniýanyň çempionaty «Superligada» paýtagtyň adybir «Kopengagen» topary soňky 25 çempionlygyň 15-sini gazanýar. «Midtýullann» 4, «Brondbýu» 3, «AaB» 2, «Norşellann» 1 gezek çempionaty iň ýokarky orunda tamamlaýar.

Gruziýanyň çempionaty-da Şwesiýadan soň milleniumdan bäri iň köp çempion çykaran ligadyr. «Erovnuli Liga» diýlip atlandyrylýan çempionatda 10 klub çempionlyk gazanyp, paýtagt Tbilisiniň meşhur «Dinamo» topary 9 gezek çempion bolýar. «Torpeda Kutaisi» 3, «Dinamo Batumi», «Iberiýa 1999», «Zestaponi», «WIT Jorjia Tbilisi», «Olimpi Rustawi» 2, «Dila Gori», «Sioni Bolnisi», «Samtrediýa» toparlary-da 1 gezek çempion bolmagy başarýar. Moldowada Tiraspol şäheriniň «Şeriff» topary 25 möwsümiň 21-sinde çempionlyk gazanyp, uly başarnyk görkezýär. «Milsami Orhei» 2, «Petrokub Hynçeşti» bilen «Daçia» toparlary-da 1 gezek çempion bolýar. Azerbaýjanda «Garabagyň» öňdebaryjylygy dowam edip, olar soňky 12 ýylda 11 gezek ýeňiş gazanýar. «Neftçiniň» 6, «Baku» we «Şamahi» toparlarynyň 2, «Hazar» hem-de «Şamkir» klublarynyň hem 1 çempionlygy bar.

Belarusda gazanan 15 çempionlygynyň 14-sini soňky 25 ýylda, onuňam 13-sini yzly-yzyna gazanan «BATE Borisow» bäsdeşlerinden ep-esli öňde barýar. Minskiň «Dinamo» toparynyň, şol sanda «Şahtýor Soligorsk» toparynyň 3, «Gomel», «Belşina Bebruisk», «Dinamo Brest» toparlarynyň hem 1 çempionlygy bar. Latwiýada Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda yzly-yzyna 14 çempionlyk gazanan «Skonto» topary soňky 25 ýylda 5 gezek ýeňiji bolýar. Soňky 15 ýylda 1 gezek hem çempion bolup bilmedik «Skontonyň» ornuna dürli klublar ýeňiş gazanyp gelýär. Ýurtda soňky 25 ýylda jemi 8 topar çempionlyk gazanýar. Litwada «Žalgiris» bilen «Kaunas» hem-de «Ekranas» toparlarynyň arasynda ýiti göreş bolup, olaryň soňky 25 ýylda degişlilikde, 8, 6 we 6 çempionlygy bar. Estoniýada «Flora» taryhynda gazanan 16 çempionlygynyň 11-sini soňky çärýek asyrda gazanýar. «FKI Lewadiýa» soňky 25 ýylda 8 gezek çempion bolýar. Gazagystanda «Astana» 7, «Aktobe» 5, «Kairat» 4 gezek çempionlyk kubogyny asmana göterýär. Ermenistanda «Pýunik» topary çärýek asyrda 13 gezek çempion bolup, garşydaşlaryndan ep-esli öňe saýlanýar.

Sloweniýa bilen Slowakiýanyň çempionatlarynyň hersinde hem 7 klub çempionlyk gazanýar. Sloweniýada «Maribor» 12, Slowakiýada «Slowan Bratislawa» 11 gezek çempion bolýar. Kiprde APOEL 13 çempionlyk bilen öňde barýar. Uelsiň çempionatynda «Nýu-Seýnts» topary 2000-nji ýyldan soň 14 çempionlyk gazanýar. Şolaryň 12-sini soňky 14 ýylda gazanan «Nýu-Seýnts» toparyndan soň «Berri Tawnyň» 3, «Konnor Kuaý Nomadsyň», «Rylyň» 2, «Llanelliniň», «Bangor Sitiniň» 1 çempionlygy bar.

### Iň köp çempionlyk gazanan topar

Futbolyň kiçi ýurtlaryndan Gibraltaryň çempionatynda soňky 25 ýylda diňe 3 klub çempionlyk gazanýar. Şol 25 çempionlygyň 22-si «Linkoln Red Imps» toparyna degişlidir. «Linkol Red Imps» 2003-2016-njy ýyllar aralygynda yzly-yzyna 14 çempionlyk gazanyp, «Skontanyň» rekordyny gaýtalaýar. Soň-soňlar bu rekorda Bolgariýanyň «Ludogores» topary hem şärik bolýar. Gibraltarda «Gibrarltar Ýunaýted» hem-de Europa toparlary-da 1 gezek çempionlyk gazanýar. Pandemiýa sebäpli çempionat 2019/20 möwsüminde geçirilmeýär. Şeýle-de, soňky 25 ýylda Irlandiýada «Şamrok Rowers» 6, Demirgazyk Irlandiýada «Linfild» 14, Islandiýada FH 8, Farer adalarynda HB 9, Lýuksemburgda «F91 Dudelanž» 17, Andorrada «Santa Kolombo» 12, Maltada «Walletta» 8, Albaniýada «Şkýondiýa» bilen «Tirana» 7, D. Makedoniýada «Wardar» 8, Bosniýa we Gersegowinada «Zrýinski Mostar» 8 gezek çempionlyga mynasyp bolýar.

***Gazetiň sport syncysy.***

## Geçen ýyl hem 10-njy noýabrda wezipesinden boşadylypdy





Italiýanyň «Atalanta» topary 11-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Sassuolodan» 3-0 hasabynda utulmagyndan soň, tälimçisi, horwatiýaly hünärmen Iwan Ýuriçi wezipesinden boşatdy. Topar onuň tälimçiliginde çempionatda 13-nji orna düşdi. Ýuriçiň tälimçilik eden 11 duşuşygynda «Atalanta» 2 gezek ýeňiş gazanyp, şonça sapar hem ýeňildi. 7 duşuşykda bolsa deňme-deň oýnady. Çempionlar Ligasynda bolsa 4 oýnuň birinde ýeňip, 2-sinde ýeňlişe sezewar boldy (1 deňlik). Şowsuz netijelerden soň 50 ýaşyndaky tälimçi 10-njy noýabrda topardan ugradyldy. Ýeri gelende bellesek, Iwan Ýuriç geçen ýylyň 10-njy noýabrynda hem «Roma» toparynyň tälimçiliginden boşadylypdy. Ýuriç geçen ýylyň dekabr aýynyň ahyrlarynda «Premier Liganyň» wekili «Southempton» toparynyň tälimçiligine bellenip, şu ýylyň aprelinde-de şol wezipesini taşlapdy. «Southempton» topary aşaky liga düşüpdi.



«Atalanta» toparyny 9 ýyl türgenleşdiren Jan Piero Gasperini tomusda «Romanyň» tälimçisi wezipesine bellenipdi.

Hepdäniň duşenbe gününde Iwan Ýuriçi wezipesinden boşadan «Atalanta» toparynyň täze tälimçisi hökmünde Raffaele Palladino bellendi. 41 ýaşyndaky italiýaly hünärmen bergamolylar bilen 2027-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. Ýaş tälimçi 2022–2024-nji ýyllar aralygynda «Monza» toparyna, geçen möwsümde bolsa «Fiorentina» toparyna tälim berdi.

Şeýle-de, «Jenoa» toparynda-da wezipesinden giden fransiýaly Patrik Wieiranyň ornuna italiýaly Daniele De Rossi toparyň täze tälimçisi boldy. «Fiorentina» toparynda bolsa Stefano Pioliniň deregine italiýaly Paolo Wanoli florensiýalylaryň täze tälimçisi wezipesine bellendi.

Gazetiň kagyz nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nähili ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN international media
Abuna – 2026
«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.
Täzelikleri täzeligine okaň!
